Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2019-njy ýylyň 27-nji dekabrynda 1288 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alyndy

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň 2019-njy ýylyň 9-njy dekabrynda çykaran 439-ö belgili buýrugy bilen tassyklandy

# MYSALY MALIÝE HASABATLYLYGYNY DÜZMEK WE BERMEK BOÝUNÇA GÖZÜKDIRIJI

## I bap. UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu Mysaly maliýe hasabatlylygyny düzmek we bermek boýunça gözükdiriji (mundan beýläk – Gözükdiriji) "Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna, maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy hem-de maliýe hasabatlylygynyň mysaly görnüşlerini we olary düzmegiň we bermegiň tertibini kesgitleýär.

2. Maliýe hasabatlylygy ykdysady subýektiň hasabat senesindäki maliýe ýagdaýy, onuň hasabat döwründäki işiniň maliýe netijesi, maýasyndaky üýtgemeleri, pul serişdeleriniň hereketi barada maglumatlar hem-de hasaba alyş syýasatynyň esasy ýörelgeleriniň gysgaça beýanyndan we gaýry düşündiriş maglumatlardan ybarat bolan bellikleri öz içine alýandyr. Maliýe hasabatlylygynyň maksady subýektiň maliýe ýagdaýy we onuň işiniň maliýe netijeleri we pul serişdeleriniň hereketi barada peýdalanyjylaryň giň topary tarapyndan ykdysady çözgütler kabul edilende olara peýdaly bolup biljek maglumatlary bermekden ybaratdyr. Maliýe hasabatlylygy ýolbaşçylaryň subýektiň serişdelerini dolandyrmak boýunça işleriniň netijelerini hem görkezýär.

3. Mysaly maliýe hasabatlylygynyň doly toplumy şulary öz içine alýar:

1) maliýe hasabatlylygynyň baş sahypasy (şu Gözükdirijä 1-nji goşundy);
2) maliýe ýagdaýy barada hasabat (şu Gözükdirijä 2-nji goşundy);
3) jemi peýda barada hasabat (şu Gözükdirijä 3-nji goşundy);
4) girdejiler we çykdajylar barada hasabat (şu Gözükdirijä $3^b$-nji goşundy);
5) maýadaky üýtgemeler barada hasabat (şu Gözükdirijä 4-nji goşundy);
6) arassa aktiwlerdäki/maýadaky üýtgemeler barada hasabat (şu Gözükdirijä $4^b$-nji goşundy);
7) pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat (şu Gözükdirijä 5-nji goşundy);
8) maliýe hasabatlylygy boýunça degişli bellikler we düşündirişler.

Şu Gözükdirijiniň $3^b$ we $4^b$ goşundylaryny diňe býujet edaralary düzýärler.

4. Mysaly maliýe hasabatlylygynyň toplumyny karz edaralaryndan başga ähli ykdysady subýektler (mundan beýläk – subýektler) berýärler.

5. Subýektiň ykdysady işjeňligine baglylykda maliýe hasabatlylygynyň milli standartlarynyň maliýe hasabatlylygyny düzmek boýunça talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen mysaly görnüşler subýektiň garaýşyna görä üýtgedilip we olara degişli setirler goşulyp bilner.

6. Mysaly görnüşler umumy maksatly maliýe hasabatlylygynyň, aralykdaky maliýe hasabatlylygynyň, ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygynyň we aralykdaky ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygynyň toplumlaryny düzmek we bermek üçin ulanylýar.

7. Maksatlaýyn wezipeli maliýe hasabatlylygynyň toplumy şeýle hasabatlylygyň berilmegini talap etmäge hukugy bolan peýdalanyjylar tarapyndan bellenilýär.

8. Subýektler Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan, onuň maliýe ýagdaýyna baha bermek we degişli maglumatlary seljermek maksady bilen, talap edilen görnüşdäki maliýe hasabatlylygyny bermäge borçludyrlar.

9. Her bir subýekt alyp barýan işleriniň dürli ugurlydygyna garamazdan ýeke-täk maliýe hasabatlylygyny düzmelidir.

## II bap. MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ BERILÝÄN DÖWRI WE MÖHLETLERI

10. Umumy maksatly maliýe hasabatlylygy üçin 1-nji ýanwardan başlap 31-nji dekabry hem öz içine alýan senenama ýyly hasabat döwri bolup durýar.

11. Aralykdaky maliýe hasabatlylygy hasabat ýylynyň başyndan ösýän jem bilen düzülýär. Ýylyň çärýegi ýa-da ýarym ýyllyk döwri aralykdaky maliýe hasabatlylyk üçin hasabat döwri bolup durýar.

12. Degişlilikde senenama ýyly we ýarym ýyl ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygy hem-de aralykdaky ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygy üçin hasabat döwri bolup durýar.

13. Täze döredilen subýekt üçin ilkinji hasabat döwri bolup onuň döwlet tarapyndan bellige alnan senesinden başlap, degişli ýylyň 31-nji dekabryny hem öz içine alýan döwür hasaplanylýar.

14. Dowam edýän ýylyň dördünji çärýeginde döredilen subýekt üçin geljek ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap 31-nji dekabryny hem öz içine alýan döwür onuň üçin ilkinji hasabat döwri hasaplanylýar. Şonuň bilen birlikde subýektiň dowam edýän ýyldaky ykdysady işiniň faktlary geljek ýylyň maliýe hasabatlylygynda beýan edilýär.

15. Ýatyrylýan subýekt üçin hasabat ýylynyň 1-nji ýanwaryndan onuň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde ýatyrylýan senesine çenli döwür hasabat döwri bolup durýar.

16. Subýektler maliýe hasabatlylygyny şu edaralara berýärler:

1) esaslandyryş resminamalaryna laýyklykda esaslandyryja;

2) subýektiň bellige alnan ýerindäki döwlet statistikasy edarasyna;

3) subýektiň bellige alnan ýerindäki döwlet salgyt gullugy edarasyna;

4) döwlet häkimiýeti edaralaryna, ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna we maliýe hasabatlylygyndan beýleki peýdalanyjylara (ýokarda durýan ministrliklere, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna, önümçilik birleşiklerine; ykdysadyýet we maliýe gullugy edaralaryna);

5) subýektiň garaýşyna görä, maliýe hasabatlylygyndan beýleki peýdalanyjylara.

17. Subýektleriň maliýe hasabatlylygyny bermeli möhletleri:

| Subýektleriň görnüşleri | Aralykdaky we ýönekeýleşdirilen aralykdaky maliýe hasabatlylygy hasabat senesiniň yzýanyndaky aýyň | Umumy maksatly we ýönekeýleşdirilen maliýe hasabatlylygy hasabat ýylynyň yzýanyndaky ýylyň |
|---|---|---|
| Subýektler (daşary ýurt maýa goýumlary bolan subýektlerden başga) | 20-sinde | 1-nji fewralyndan gijä galman |
| Daşary ýurt maýa goýumlary bolan subýektler | 25-inde | 15-nji martyndan gijä galman |
| Önümçilik birleşikleri, birleşikler, Paýdarlar jemgyýetleri, agentlikler jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny berýärler | 30-ynda | 1-nji martyndan gijä galman |
| Ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi we ýerli edaralary jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny berýärler | hasabat döwri tamamlanandan soň 40 günden gijä galman | 25-nji martyndan gijä galman |

18. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň, olaryň möçberine baglylykda, aýry-aýry ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň berilmeli möhletlerini:

1) has irki möhletlere bellemäge;

2) 10 güne çenli uzaltmaga haky bardyr.

19. Maliýe hasabatlylygynyň berilmeli senesiniň dynç güni (işlenilmeýän gün) bilen gabat gelýän ýagdaýlarynda hasabatlylygyň berilmeli möhleti şol günüň yzýanyndaky birinji iş gününe geçirilýär.

20. Şu Gözükdirijide göz öňünde tutulan edaralara berilmezinden öň subýektleriň maliýe hasabatlylygy olaryň esaslandyryş resminamalarynda hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan tertipde tassyklanylýar.

21. Subýektiň maliýe hasabatlylygy Türkmenistanyň milli pulunda – manatda düzülmelidir.

22. Maliýe hasabatlylygynyň baş sahypasynyň görkezijileri bellenen tertipde bellige alnan esaslandyryş resminamalaryna laýyklykda doldurylýar.

23. Maliýe hasabatlylygy kagyz göterijilerde berilýär. Tehniki mümkinçilikler bar bolan mahalynda subýekt maliýe hasabatlylygynyň nusgalaryny elektron göterijilerde hem berip biler.

24. Hökmany audit geçirilmäge degişli bolan subýektler hasabat ýyly üçin jemagat bähbidini emele getirýän maliýe hasabatlylygyny, auditor netijenamasyny hem goşmak bilen hasabat ýylynyň soňundan gelýän ýylyň 1-nji iýulyndan gijä galman çap etmäge borçludyrlar.

25. Ýyllyk maliýe hasabatlylygy neşir edilýän köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde, Internet-saýtlarynda çap edilip bilner, broşýuralarda, bukletlerde we hasabatlylygyň peýdalanyjylaryna elýeter bolan beýleki neşirlerde bolup biler.

## III bap. Maliýe hasabatlylygyny düzmek

### §1. Maliýe ýagdaýy barada hasabat

26. Maliýe ýagdaýy barada hasabat subýektiň serişdeleri (aktiwleri), serişdelere bildirilen talaplar (borçnamalar) we arassa aktiwler (hususy maýasy/serişdeleriň galyndysy) barada maglumat berýär.

27. Maliýe ýagdaýy barada hasabatda aktiwler, borçnamalar we maýa mazmuny boýunça toparlara jemlenýär: aktiwler geçginliligiň ýokarlanyş derejesi boýunça, borçnamalar bolsa üzülmeli möhletleri boýunça ýerleşdirilýär.

28. Maliýe ýagdaýy barada hasabat hasabat senesine görä subýektiň emläk we maliýe ýagdaýyny häsiýetlendirýär.

29. Maliýe ýagdaýy barada hasabat resminamalar bilen tassyklanylýan, barlanan buhgalterçilik ýazgylarynyň esasynda düzülýär. Hasabat düzülmezinden öň dolanyşyklar we jikme-jik hasaplar boýunça galyndylar Baş kitapdaky jemleýji hasaplar boýunça alnan dolanyşyklar we galyndylar bilen deňeşdirilýär.

30. Maliýe ýagdaýy barada hasabat düzülmezinden öň taýýarlyk işi geçirilýär: hasaplar ýapylýar, utgaşýan hasabat döwürleri boýunça harajatlar paýlanýar, dürli hasaba alyş registrlerindäki we umumylaşdyryjy wedomostlardaky jemler hasaplanýar we deňeşdirilýär, galyndylaryň hakykylygyny tassyklaýan tükelleme geçirilýär.

31. “Esasy serişdeler” (011) setirde subýektiň hasabynda duran we maliýe kärendesine alnan esasy serişdeleriniň balans gymmaty görkezilýär hem-de 611141 + 611142 + 611143 + 611241 + 611242 + 611243 + 611244 + 611245 - 6111415 - 6111425 - 6111435 - 6112415 - 6112425 - 6112435 - 6112445 - 6112455 aňlatma boýunça hasaplaryň galyndylaryny ulanmak arkaly hasaplanylýar.

32. “Maýa goýum emlägi” (012) setirde kärende tölegleri ýa-da maýasynyň gymmatynyň artmagyndan girdejileri almak üçin (eýesiniň ýa-da maliýe kärendesi boýunça kärendeçiniň gozgalmaýan emläge maýa goýumlarynyň hasabat senesine galyndysy görkezilýär we 611144-6111445 aňlatma boýunça hasaplaryň galyndylaryny ulanmak arkaly hasaplanylýar.

33. “Biologik aktiwler” (013) setirde subýektiň eýeçiligindäki we maliýe kärendesine alnan oba hojalyk işjeňligi bilen bagly biologik aktiwleriniň hasabat senesine galyndysy görkezilýär we 611343-6113435 aňlatma boýunça hasaplaryň galyndylaryny ulanmak arkaly hasaplanylýar.

34. “Maddy däl aktiwler” (014) setirde subýektiň maddy däl aktiwleriniň hasabat senesine balans gymmaty görkezilýär we 611341-6113415 aňlatma boýunça hasaplaryň galyndylaryny ulanmak arkaly hasaplanylýar.

35. “Işläp taýýarlamalar üçin harajatlar” (015) setirde subýektiň gutarylmadyk işläp taýýarlamalarynyň hasabat senesine galyndysy görkezilýär we 611342 hasabyndaky galyndylary goşmak arkaly emele gelýär.

36. “Tamamlanmadyk gurluşyk” (016) setirde subýektiň tamamlanmadyk gurluşygynyň hasabat senesine balans gymmaty görkezilýär we 611344 hasabyndaky galyndylary goşmak arkaly emele gelýär.

37. “Gymmatlyklar” (017) setirde subýektiň medeni, ekologiýa ýa-da taryhy ähmiýeti bilen baglanyşykly medeni miras aktiwleriniň we kitaphana gaznasynyň hasabat senesine galyndysy görkezilýär we 613001, 613002 hasaplaryndaky galyndylary goşmak arkaly hasaplanylýar.

38. “Beýleki uzak möhletli maliýe däl aktiwler” (018) setirde subýektiň öňki hasaplara goşulmadyk gaýry uzak möhletli aktiwleriniň hasabat senesine möçberi görkezilýär we 611345-6113455 aňlatma boýunça hasaplaryň galyndylaryny ulanmak arkaly hasaplanylýar.

39. “Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara uzak möhletli maýa goýumlar” (021) setirde emitenti Türkmenistanyň dahyllysy we (ýa-da) dahylsyzy bolup durýan ýuridik we (ýa-da) fiziki şahs bolan, üzülmeli möhleti bir ýyldan ýokary bergileriň gymmatly kagyzlaryna uzak möhletli maýa goýumlarynyň hasabat senesine galyndylary bilen olar boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskontlaryň (baýrak) galyndylarynyň tapawudynyň hasabat senesine möçberi görkezilýär we 621341+621342+621344-6213415-6213445+622341+622342+622344-6223415-6223445 aňlatma boýunça hasaplanylýar.

40. “Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine uzak möhletli maýa goýumlar” (022) setirde emitenti Türkmenistanyň dahyllysy we (ýa-da) dahylsyzy bolup durýan ýuridik we (ýa-da) fiziki şahs bolan, subýekt tarapyndan bir ýyldan köp eýeçilik etmek maksat edinilýän paýly gymmatly kagyzlara (beýleki kärhanalaryň maýasyna paýly gatnaşyk ) goýlan uzak möhletli maliýe maýa goýumlarynyň hasabat senesine galyndylary görkezilýär we 62154, 62254 esasy toparlaryň hasaplarynyň galyndylaryny goşmak arkaly hasaplanylýar.

41. “Berlen uzak möhletli nesýeler” (023) setirde emitenti Türkmenistanyň dahyllysy we (ýa-da) dahylsyzy bolup durýan ýuridik we (ýa-da) fiziki şahslara bir ýyldan köp möhlete berlen uzak möhletli nesýeleriň galyndylary bilen olaryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gorunyň galyndylarynyň tapawudynyň hasabat senesine möçberi görkezilýär we 621441+621442+621443+621444+621445-6214415-6214425-6214435-6214445-6214455+622441+622443+622444-6224415-6224435-6224445 aňlatma boýunça hasaplanylýar.

42. “Uzak möhletli debitor algylar” (024) setirde Türkmenistanyň içinde, çäklerinden daşarda işi amala aşyrmagyň netijesinde ýüze çykýan, üzülmeli möhleti hasabat senesinden soň bir ýyldan ýokary bolan içerki we daşarky uzak möhletli debitor algylaryň galyndylary bilen olaryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gorunyň galyndylarynyň tapawudynyň hasabat senesine möçberi görkezilýär we

621841+621842+621843+621844+621845+621846+621847-621848+622841+ 622842+622843+622844+622845+622847-622848 aňlatma boýunça hasaplanylýar.

43. “Uzak möhletli depozitler we ýörite hasaplar” (025) setirde hasabat senesinden soň bir ýyldan gowrak wagtyň dowamynda peýdalanylmagy çäklendirilen, ýerli we daşary ýurt banklarynda we edaralarynda milli puldaky we daşary ýurt pulundaky pul depozitleriniň hasabat senesine galyndylary görkezilýär we 62124, 62224 kiçi toparlaryň hasaplarynyň galyndylaryny goşmak arkaly hasaplanylýar.

44. “Gaýra goýlan uzak möhletli salgyt aktiwleri” (026) setirde aýrylýan wagt tapawutlary, peýdalanylmadyk salgyt tölegleriniň geljek döwürlere geçirilmegi, salgyt möhletini soňa süýşürmek üçin göz öňünde tutulan peýdalanylmadyk wagtyň geljek döwre geçirilmegi bilen baglanyşykly geljek döwürlerde öwezi dolunmaga degişli peýdadan alynýan salgydyň pul möçberleriniň 621941 hasap boýunça galyndylary görkezilýär.

45. “Beýleki uzak möhletli aktiwler” (027) setirde üzülmeli möhleti hasabat senesinden bir ýyldan köp bolan, maliýe we maliýe däl aktiwleriň öňki toparlaryna goşulmadyk beýleki (gaýry) aktiwleriň möçberleriniň jemi, ýagny 621942 we 621943 hasaplaryň galyndylarynyň jemi görkezilýär.

46. “Ätiýaçlyklar” (041) setirde ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwleri hasaba almazdan gysga möhletli maliýe däl aktiwleriň ählisiniň möçberleri, ýagny 6121, 6122, 6123, 6124 esasy toparlaryň hasaplarynyň galyndylarynyň jemi görkezilýär.

47. “Ýerlemek üçin niýetlenen uzak möhletli aktiwler” (042) setirde ýerlemek ähtimallygy ýokary bolan, olaryň balans gymmaty soňundan peýdalanmak arkaly däl-de, esasan ýerlemegiň hasabyna öwezi dolunýan ýerlemek üçin niýetlenen hökmünde topara bölünen uzak möhletli aktiwleriň möçberleri, ýagny 612541 hasabyň galyndysy görkezilýär.

48. “Paýnamalardan başga gymmatly kagyzlara gysga möhletli maýa goýumlar” (051) setirde emitenti Türkmenistanyň dahyllysy we (ýa-da) dahylsyzy bolup durýan ýuridik we (ýa-da) fiziki şahs bolan, üzülmeli möhleti bir ýyldan az bolan bergileriň gymmatly kagyzlaryna gysga möhletli maýa goýumlarynyň hasabat senesine galyndylary bilen olar boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskontlaryň (baýrak) galyndylarynyň tapawudynyň hasabat senesine möçberi görkezilýär we 621351-6213515+621352+621353+621354-6213545+622351- 6223515+622352+622353+622354-6223545 aňlatma boýunça hasaplanylýar.

49. “Paýnamalara we maýa gatnaşmagyň beýleki görnüşlerine gysga möhletli maýa goýumlar” (052) setirde emitenti Türkmenistanyň dahyllysy we (ýa-da) dahylsyzy bolup durýan ýuridik we (ýa-da) fiziki şahs bolan, subýekt tarapyndan bir ýyldan az eýeçilik etmek maksat edinilýän paýly gymmatly kagyzlara (beýleki kärhanalaryň maýasyna gatnaşma paýyna) goýlan gysga möhletli maýa goýumlarynyň hasabat senesine galyndylary görkezilýär we 621553, 621554, 622553 we 622554 hasaplarynyň galyndylaryny goşmak arkaly hasaplanylýar.

50. “Berlen gysga möhletli nesýeler” (053) setirde emitenti Türkmenistanyň dahyllysy we (ýa-da) dahylsyzy bolup durýan ýuridik we (ýa-da) fiziki şahslara bir

ýyldan az möhlete berlen gysga möhletli nesýeleriň galyndylary bilen olaryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gorunyň galyndylarynyň tapawudynyň hasabat senesine möçberi görkezilýär we 621451+621452+621453+621454+621455-6214515-6214525-6214535-6214545-6214555+622451+622453+622454-6224515-6224535-6224545 aňlatma boýunça hasaplanylýar.

51. “Gysga möhletli debitor algylar” (054) setirde Türkmenistanyň içinde we çäklerinden daşarda işi amala aşyrmagyň netijesinde ýüze çykýan, üzülmeli möhleti hasabat senesinden soň bir ýyldan az bolan içerki we daşarky gysga möhletli debitor algylaryň galyndylary bilen olaryň gymmatynyň gaçmagy üçin ätiýaçlyk gorunyň galyndylarynyň tapawudynyň hasabat senesine möçberi görkezilýär we 621851+621852+621853+621854+621855+621856+621857-621858+622851+622852+622853+622854+622855+622857-622858+621356+ 621456+621556+622356+622456+622556-6214565-6224565 aňlatma boýunça hasaplanylýar.

52. “Pul serişdeleri we gysga möhletli depozitler” (055) setirde ýerli we daşary ýurt banklarynda we edaralarynda milli we daşary ýurt pulundaky hasaplaryndaky pul serişdeleriniň we olaryň ekwiwalentleriniň hasabat senesine galyndylary görkezilýär we 62125, 62225 kiçi toparlaryň hasaplarynyň galyndylaryny goşmak arkaly hasaplanylýar.

53. “Beýleki gysga möhletli aktiwler” (056) setirde üzülmeli möhleti hasabat senesinden soň bir ýyldan az bolan, maliýe we maliýe däl aktiwleriň öňki toparlaryna goşulmadyk beýleki (gaýry) aktiwleriň möçberleriniň jemi, ýagny 62195 kiçi toparyň hasaplarynyň galyndylarynyň jemi görkezilýär.

54. “Esaslyk maýa” (081) setirde paýdarlar jemgyýetlerinden başga ähli ykdysady subýektleriň esaslyk maýasynyň möçberi, ýagny 800051 hasabyň galyndysy görkezilýär.

55. “Ýönekeý paýnamalar” (082) setirde paýdarlar jemgyýetiniň emitirlenen, tölegi geçirilen ýönekeý paýnamalarynyň jemi nominal gymmatynyň möçberi, ýagny 800052 hasabyň galyndysy görkezilýär.

56. “Artykmaç hukukly paýnamalar” (083) setirde paýdarlar jemgyýetiniň emitirlenen, tölegi geçirilen artykmaç hukukly paýnamalarynyň jemi nominal gymmatynyň möçberi, ýagny 800053 hasabyň galyndysy görkezilýär.

57. “Emissiýa girdejisi” (084) setirde subýektiň çykaran paý gurallary boýunça emission girdejisiniň (özüniň paý gurallarynyň gymmaty bilen olaryň ýerlenen wagtyndaky nominal gymmatynyň arasyndaky tapawut) möçberi, ýagny 800054 hasabyň galyndysy görkezilýär.

58. “Yzyna satyn alnan paýnamalar” (085) setirde subýektiň yzyna satyn alan paý gurallarynyň (paýnamalaryny) hem-de esaslyk maýanyň esaslandyryja gaýtarylan möçberi, ýagny 800055 hasabyň galyndysy görkezilýär.

59. “Ätiýaçlyk maýa” (086) setirde gazanylan girdejiniň hasabyna ätiýaçlyk goruny emele getirmek boýunça maliýe hasabatlylygynyň milli standartlarynyň talaplaryna, şeýle hem esaslandyryş resminamalaryna we subýektiň hasaba alyş syýasatyna laýyklykda maýanyň hasaplarynda görkezilýän ätiýaçlyk gorunyň möçberi, ýagny 800061 hasabyň galyndysy görkezilýär.

60. “Aktiwlere gaýtadan baha bermek üçin ätiýaçlyk gory” (087) setirde uzak möhletli aktiwlere baha bermek boýunça maliýe hasabatlylygynyň milli standartlarynyň talaplaryna laýyklykda maýanyň hasaplarynda görkezilýän ätiýaçlyk gorunyň möçberi, ýagny 80007 kiçi toparyň hasaplarynyň jemi görkezilýär.

61. “Paýlanmadyk peýda (ýapylmadyk ýitgi)” (088) setirde paýlanmadyk peýdanyň ýa-da ýapylmadyk ýitginiň möçberi, ýagny 80008 kiçi toparyň hasaplarynyň jemi görkezilýär.

62. “Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek” (089) setirde býujet edarasynyň býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli goýumlary maliýeleşdirmek görnüşindäki aktiwleriniň arassa gymmatynyň möçberi, ýagny 800041 hasabyň galyndysy görkezilýär.

63. “Gözegçilik etmeýän eýeleriniň paýy” (091) setirde düýp kärhananyň golçur kärhanalary arkaly göni ýa-da gytaklaýyn eýelik etmeýän, maýa gatnaşmagynyň paýyna düşýän golçur kärhananyň peýdasynyň ýa-da ýitgisiniň we arassa aktiwleriniň böleginiň möçberi görkezilýär.

64. “Uzak möhletli depozitler we ýörite hasaplar” (101) setirde Türkmenistanyň dahyllysy we (ýa-da) dahylsyzy bolup durýan ýuridik we (ýa-da) fiziki şahslardan milli pulda we daşary ýurt pulunda bir ýyldan köp möhlete kabul edilen depozitleriniň (goýumlary) möçberi görkezilýär we 63124, 63224 kiçi toparlaryň hasaplarynyň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

65. “Uzak möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary” (102) setirde içerki we daşarky bazarlarda bir ýyldan köp bolan möhlete ýerleşdirilen bergileriň gymmatly kagyzlarynyň galyndylary bilen olar boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskontlaryň (baýrak) galyndylarynyň tapawudynyň möçberi görkezilýär we 631341-6313415+632341+6323415 aňlatma boýunça hasaplanylýar.

66. “Uzak möhletli karzlar, nesýeler” (103) setirde karz edaralaryndan we beýleki kärhanalardan bir ýyldan köp möhlete alnan karzlaryň, nesýeleriň möçberi görkezilýär we 63144, 63244 kiçi toparlaryň hasaplarynyň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

67. “Uzak möhletli kreditor bergiler” (104) setirde ätiýaçlyklary getirmek ýa-da gaýtadan işlemek boýunça çykdajylary goşmak bilen, töleg möhleti bir ýyldan köp bolan, alnan aktiwler we sarp edilen hyzmatlar üçin üpjün edijilere we potratçylara bergileriň möçberi görkezilýär we 63184, 63284 kiçi toparlaryň hasaplarynyň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

68. “Uzak möhletli baha berilýän borçnamalar” (105) setirde uzak möhletli baha berilýän borçnamalary: kepillendirilen borçnamalar boýunça ätiýaçlyk gorlary, kazyýet talaplary boýunça, bir ýyldan ýokary kepillendirilýän möhleti bolan harytlary ýerlemek boýunça ätiýaçlyk gorlary we seredilmeli möhleti bir ýyldan ýokary bolan gaýry uzak möhletli kepillendirilen borçnamalaryň möçberi, ýagny 631946 hasabyň galyndysy görkezilýär.

69. “Gaýra goýlan salgyt borçnamalary” (106) setirde salgyt salynýan wagt tapawutlary bilen baglanyşykly geljek döwürlerde tölenmäge degişli peýdadan alynýan salgydyň möçberi, ýagny 631942 hasabyň galyndysy görkezilýär.

70. “Beýleki uzak möhletli borçnamalar” (107) setirde 63194 kiçi toparyň ýokarda beýan edilen hasaplarynda görkezilmedik gaýry uzak möhletli kreditor bergileri, şol sanda tölenmeli möhleti bir ýyldan köp bolan, hökümetiň çözgüdi boýunça býujete tölenmeli gaýra goýlan tölegleri, işgäriň degişli hyzmatlary eden döwri tamamlanandan soňra on iki aýdan ýa-da ondan köp wagtdan soň işde bolunmadyk wagt üçin hak tölemek görnüşinde we peýda gatnaşandygy üçin tölenmäge degişli hak-heşdekleri we baýraklary hem-de işgärlere hak-heşdek tölemek boýunça gaýry uzak möhletli baha berilýän borçnamalary, harytlary, çig maly, materiallary ibermegiň, hyzmat etmegiň hasabyna, şeýle hem bölekleýin taýýarlyk boýunça buýrujylar üçin öndürilen önümleriň tölegini geçirmek bilen baglanyşykly alnan hakujylary we alnan gaýry uzak möhletli hakujylary, häzirki hasabat döwründe alnan, ýöne geljekki hasabat döwürlerine degişli bolan girdejileri görkezilýär we 631941+631943+631944+631945 aňlatma boýunça hasaplanylýar.

71. “Gysga möhletli depozitler we ýörite hasaplar” (111) setirde Türkmenistanyň dahyllysy we (ýa-da) dahylsyzy bolup durýan ýuridik we (ýa-da) fiziki şahslardan milli pulda we daşary ýurt pulunda pulunda bir ýyldan az möhlete kabul edilen depozitleriniň (goýumlary) möçberi görkezilýär we 63125, 63225 kiçi toparlaryň hasaplarynyň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

72. “Gysga möhletli bergileriň gymmatly kagyzlary” (112) setirde içerki we daşarky bazarlarda bir ýyldan az bolan möhlete ýerleşdirilen bergileriň gymmatly kagyzlarynyň galyndylary bilen olar boýunça ulanyş tutumy hasaplanmadyk diskontlaryň (baýrak) galyndylarynyň tapawudynyň möçberi görkezilýär we 631351-6313515+632351+6323515 aňlatma boýunça hasaplanylýar.

73. “Gysga möhletli karzlar, nesýeler” (113) setirde karz edaralaryndan we beýleki kärhanalardan bir ýyldan az möhlete alnan karzlaryň, nesýeleriň möçberi görkezilýär we 631451 - 631455, 632451 - 632455 hasaplaryň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

74. “Gysga möhletli kreditor bergiler” (114) setirde ätiýaçlyklary getirmek ýa-da gaýtadan işlemek boýunça çykdajylary goşmak bilen, töleg möhleti bir ýyldan az bolan, alnan aktiwler we sarp edilen hyzmatlar üçin üpjün edijilere we potratçylara bergileriň möçberi görkezilýär we 63185, 63285 kiçi toparlaryň hasaplarynyň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

75. “Gysga möhletli baha berilýän borçnamalar” (115) setirde wagty we pul möçberi kesgitlenmedik borçnama hökmünde kesgitlenen bahalandyrylýan gysga möhletli borçnamalary, kepillendirilýän möhleti bir ýyla çenli bolan ýerlenen önümler we edilen hyzmatlar boýunça kepillendirilen borçnamalar boýunça ätiýaçlyk gorlary, seredilýän möhleti bir ýyla çenli bolan kazyýet talaplary boýunça ätiýaçlyk gorlary, işde bolunmadyk wagt üçin hak tölemek görnüşinde işgärlere gysga möhletli hak-heşdekleri tölemek üçin garaşylýan harajatlary, şeýle hem peýda gatnaşmak we baýraklary tölemek bilen baglanyşykly garaşylýan harajatlary, ýagny 631956 hasabyň galyndysy görkezilýär.

76. “Beýleki gysga möhletli borçnamalar” (116) setirde 63195 kiçi toparyň ýokarda beýan edilen hasaplarynda görkezilmedik gaýry gysga möhletli kreditor bergileri, şol sanda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda býujete salgytlary, ýygymlary we geçirimleri tölemek boýunça borçnamalary, Türkmenistanyň

kanunçylygyna laýyklykda ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýörite hasaplaryna tölemek üçin geçirimleri, zähmet hakyny tölemek, olaryň aktiwleri satyn almak, hyzmatlaryň tölegini tölemek, gulluk iş saparlary boýunça çykdajylarynyň öwezini dolmak boýunça işgärleriň öňündäki bergileri we işgärlere gaýry gysga möhletli kreditor bergileri, harytlary, çig maly, materiallary ibermegiň, hyzmat etmegiň hasabyna, şeýle hem bölekleýin taýýarlyk boýunça buýrujylar üçin öndürilen önümleriň tölegini geçirmek bilen baglanyşykly alnan hakujylary we hasabat senesinden bir ýyldan az möhlete alnan gaýry gysga möhletli hakujylary, häzirki hasabat döwründe alnan, ýöne geljekki hasabat döwrüne (hasabat senesinden soň bir ýyldan az bolan döwre) degişli bolan girdejileri görkezilýär we 631951+631952+631953+631954+631955+631356, 631456+632356+632456 aňlatma boýunça hasaplanylýar.

77. Maliýe ýagdaýy barada hasabatda görkezilýän aktiwler we boçnamalar gysga möhletli we uzak möhletli görnüşleri boýunça toparlara bölünmelidir.

78. Aktiwler we borçnamalar toparlara bölünende şol bir adaty amallar döwri ulanylýar. Amallar döwri - bu aktiwleriň işlemek üçin satyn alnan pursatyndan olaryň pul serişdelerine ýa-da pul serişdeleriniň ekwiwalentlerine çalşylýan wagtynyň aralygyndaky döwürdir. Adaty amallar döwrüni anyk kesgitläp bolmadyk halatynda ol on iki aýa deň diýip çaklanylýar.

79. Aşakdaky şertleriň islendigini kanagatlandyrýan aktiw gysga möhletli hökmünde topara bölünmelidir:

a) adaty amal döwrüniň dowamynda ýerlemek üçin ýa-da sarp etmek üçin niýetlenen bolsa;

b) esasan söwda maksatlary üçin niýetlenen bolsa;

ç) hasabat döwri tamamlanandan soň on iki aýyň dowamynda ýerlemek göz öňünde tutulýan bolsa; ýa-da

d) hasabat döwri tamamlanandan soň azyndan on iki aýyň dowamynda ony çalşamaga ýa-da borçnamalary üzmek üçin peýdalanmaga çäklendirmeler bolmadyk halatynda, pul serişdeleri ýa-da olaryň ekwiwalentleri düşünjelerine MHHS (IAS) 7 kesgitlenen manysynda gabat gelýän bolsa.

Beýleki ähli aktiwler uzak möhletli hökmünde topara bölünmelidir.

80. Aşakdaky şertleriň islendigini kanagatlandyrýan borçnama gysga möhletli hökmünde topara bölünmelidir:

a) adaty amal döwrüniň dowamynda üzülmegi göz öňünde tutulýan bolsa;

b) esasan söwda maksatlary üçin saklanýan bolsa;

ç) hasabat döwri tamamlanandan soň on iki aýyň dowamynda üzülmäge degişli bolsa; ýa-da

d) hasabat döwri tamamlanandan soň azyndan on iki aýyň dowamynda üzülmegini gaýra goýmak babatynda gürrüňsiz hukugy ýok bolsa. Borçnamanyň şertleri, beýleki tarapyň garaýşyna laýyklykda, paý gurallaryny çykarmak ýoly bilen üzülmegine getirip biljek möhletleri onuň topara bölünişine täsir etmeýär.

Beýleki ähli borçnamalar uzak möhletli hökmünde topara bölünmelidir.

81. Käbir gysga möhletli borçnamalar, ýagny söwda kreditor bergiler we zähmete hak tölemek boýunça we gaýry amal harajatlaryň käbir görnüşleri boýunça hasaplamalar adaty amal döwrüniň dowamynda peýdalanylýan dolanyşyk maýanyň

bir bölegini emele getirýär. Şular ýaly amal maddalary, eger olar hasabat döwri tamamlanandan soň on iki aýdan ir bolmadyk döwürde üzülmäge degişli hem bolsa, gysga möhletli borçnamalar hökmünde topara bölünýär.

82. Hatda aşakdaky ýagdaýlarda hem, hasabat döwri tamamlanandan soň on iki aýyň dowamynda üzülmäge degişli maliýe borçnamalary gysga möhletli hökmünde topara bölünýär:

a) ilkibaşky üzülmeli möhleti on iki aýdan köp bolanda; we

b) gaýtadan maliýeleşdirmek ýa-da uzak möhletlilik esasynda tölegleriň tertibini üýtgetmek hakynda ylalaşyk, hasabat döwri tamamlanandan soň, ýöne maliýe hasabatlylygyny çykarmaga ylalaşylandan öň baglaşylanda.

## §2. Jemi peýda barada hasabaty düzmek

83. Jemi peýda barada hasabaty býujet edralaryndan başga ähli subýektler düzýärler.

84. Jemi peýda barada hasabatda hasabat döwründe, şeýle hem geçen ýylyň degişli döwründe ykrar edilen girdejileriň we çykdajylaryň ähli görnüşleri görkezilýär.

85. Amal we amal däl işiň görnüşinden hasabat döwründe alnan peýda (ýitgi), şeýle hem gaýry jemi peýda (ýitgi) aýratynlykda görkezilýär.

86. Subýektiň işjeňliginiň maliýe netijelerini hasaplamak üçin, onuň hasabat döwründe ähli girdejileri we çykdajylary boýunça degişli hasaplamalary geçirmek zerurdyr.

87. Girdejileriň we çykdajylaryň ol ýa-da beýleki görnüşlerini jemi peýda barada hasabatda görkezmek subýektiň işiniň aýratynlygyna baglydyr.

88. Umuman girdeji - aktiwleriň artmagy ýa-da olaryň hiliniň gowulanmagy ýa-da borçnamalaryň azalmagy görnüşinde ykdysady peýdalaryň artmagy netijesinde hususy maýanyň artmagydyr, maýa gatnaşyjylaryň gatançlary muňa degişli däldir. Girdeji kärhananyň düşewündini hem-de beýleki girdejilerini öz içine alýar. Düşewünt - bu subýektiň adaty işiniň görnüşinden alynýan girdejilerdir.

89. “Harytlary, işleri we hyzmatlary ýerlemekden alnan girdejiler” (010) setirde önümleri ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden we hyzmat etmekden alnan girdejiler (düşewünt) görkezilýär we 142101+142104+142105+142106+ 142107+142108+142109-142102-142103 aňlatma arkaly hasaplanylýar.

90. “Ýerlenen önümleriň, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmaty” (011) setirde ýerlenen önümleriň, harytlaryň, hyzmatlaryň özüne düşýän gymmaty görkezilýär we 2251 esasy toparyň hasaplarynyň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

91. Önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyna göni we gytaklaýyn maddy harajatlar, zähmete hak tölemek üçin göni we gytaklaýyn harajatlar, goşmaça önümçilik çykdajylary goşulýar.

92. Göni we gytaklaýyn maddy harajatlar aşakdakylary öz içine alyp biler:

1) öndürilýän önümiň esasyny emele getirmek bilen, onuň düzüm bölegine girýän ýa-da ol taýýarlanylanda (işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar edilende) zerur bölek bolup durýan çig mal we materiallar;

2) önümleri öndürmegiň (işleri, hyzmatlary ýerine ýetirmegiň) barşynda kadaly tehnologik işi üpjün etmek üçin we önümi gaplamak üçin peýdalanylýan ýa-da beýleki önümçilik we hojalyk zerurlyklary (esasy serişdeleri, gurallary, abzallary, esbaplary we beýleki zähmet serişdelerini synag etmek, gözegçilik etmek, saklamak, abatlamak we ulanmak) üçin sarp edilýän materiallar;

3) gurallar, abzallar, esbaplar, ýörite egin-başlar we beýleki ulanyş tutumy alynmaýan emläk;

4) toplaýyş enjamlary we mundan beýläk işlenilýän ýa-da gurnalýan ýarymtaýýar önümler;

5) tehnologik maksatlar üçin sarp edilýän ýangyç, suw we energiýanyň ähli görnüşleri, suw we energiýanyň ähli görnüşlerini işläp çykarmak, önümçilik jaýlaryny ýylytmak, şeýle hem energiýany başga görnüşe öwürmek we geçirmek üçin çykdajylar;

6) keseki ýuridik şahslar we fiziki şahslar-hususy telekeçiler tarapyndan ýerine ýetirilýän önümçilik häsiýetli işler we hyzmatlar (önümi taýýarlamak boýunça, çig maly we materiallary işlemek boýunça aýry-aýry amallary ýerine ýetirmek, bellenen tehnologik prosesleriň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak, esasy serişdeleri abatlamak we beýleki işler, şeýle hem işe hyzmat etmek boýunça keseki guramalar tarapyndan edilýän ulag hyzmatlary);

7) tebigaty goramak maksatly esasy serişdeleri we beýleki emläkleri saklamak we ulanmak, hapalaýjy maddalary tebigy gurşawa taşlamagyň (zyňmagyň) ýol berilýän çäkleri üçin tölegler we ýerleri rekultiwasiýa etmegi goşmak bilen şoňa meňzeş beýleki çykdajylar;

8) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde tassyklanan, tebigy ýitginiň ölçegleriniň çäklerinde maddy serişdeleriň ýetmezçiligi we (ýa-da) zaýalanmagy sebäpli ýitgiler;

9) önümçilikde we (ýa-da) daşamakda tehnologik ýitgiler;

10) gazylyp alynýan peýdaly magdanlar çykarylanda taýýarlyk işleri üçin çykdajylar.

Gaýtarylýan galyndylaryň, gabyň we daşlyklaryň olaryň hakyky ýerleme ýa-da peýdalanma bahasy ýa-da ammara girdeji edilen bahasy boýunça gymmaty maddy harajatlary azaldýar.

Haryt-maddy gymmatlyklaryň gymmatyna satyn almak bahasy, satyn alma bilen baglanyşykly komission hak-heşdekler, birža ýygymlary, gümrük paçlary, Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça ýygymlar we goşmaça tölegler, daşamak, saklamak we getirmek üçin töleg, goşulan baha üçin salgydyň we satyn alnanda tölenen goşmaça tölegiň öwezi dolunmaýan pul möçberleri goşulýar we haryt-maddy gymmatlyklaryň özüne düşen gymmatyny emele getirýär.

93. Zähmete hak tölemek üçin göni we gytaklaýyn harajatlara şular degişli bolup biler:

1) hakyky ýerine ýetirilen iş üçin zähmete hak tölemegiň subýektde kabul edilen görnüşlerine we ulgamlaryna laýyklykda bellenen bahalardan, tarif möçberlerinden we aýlyk wezipe haklaryndan ugur almak bilen hasaplanan zähmet haky;

2) höweslendiriş häsiýetli tölegler – beýleki işgärler bilen deňeşdirilende belli bir işgärleriň zähmetde has ýokary we durnukly netijeleleri gazanandyklary üçin işgärlere goşmaça hak tölemek babatynda iş berijiler tarapyndan peýdalanylýan höweslendiriş tölegleriniň, baýraklarynyň, goşmaça haklaryň görnüşleri;

3) işiň düzgünine we zähmetiň şertleri bilen bagly bolan öwezini dolma tölegleri, muňa gijeki wagtdaky  işlenendigi, çalşykly işde işlenendigi, kärleriň utgaşdyrylandygy, hyzmat edilýän zolagyň giňelmegi, zähmetiň zyýanly we howply (aýratyn zyýanly we aýratyn howply)şertlerinde işlenendigi, wagtyndan daşary ýerine ýetirilen iş üçin we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda dynç alyş, işlenilmeýän baýramçylyk we hatyra günlerindäki ýerine ýetirilen iş üçin goşmaça haklar hem şuňa girýär;

4) işgärlere jemagat hyzmatlaryny etmek, iýmit, azyk önümleri, ýaşaýyş jaýy üçin çykdajylar – Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda mugt bermek ýa-da pul bilen öwezi dolunýan möçberler;

5) işgärleri naharlamak üçin çykdajylar, şunuň ýaly çykdajylar zähmet ylalaşygynda (şertnamasynda) we (ýa-da) köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, şol sanda şunuň ýaly naharlamak başga taraplar tarapyndan guralýan halatlarynda;

6) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärlere mugt berilýän, olaryň şahsy peýdalanmagynda hemişelik galýan zatlaryň (ýörite egin-eşigiň, ýörite aýakgabyň we beýleki hususy gorag serişdeleriniň ) gymmaty (olary arzan bahadan satmak bilen baglanyşykly ýeňillikleriň pul möçberi);

7) işgäriň döwlet we (ýa-da) jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirýän döwründe ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda olara hasaplanyp ýazylan zähmet hakynyň pul möçberi;

8) nobatdaky (her ýylky) we goşmaça rugsatlaryň tölegi (peýdalanylmadyk rugsat üçin öwez puly), on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärler üçin ýeňillikler, aýallara çagany naharlamak üçin goşmaça arakesmeler, şeýle hem lukmançylyk gözegçiliginden geçýän güni , Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet we jemgyýetçilik borçlarynyň ýerine ýetirilmegi bilen bagly wagt üçin tölegler;

9) ýuridik şahsyň (şahamçanyň, wekilhananyň) üýtgedilip guralmagy  ýa-da ýatyrylmagy, işgärleriň sanynyň ýa-da işgärleriň    wezipe sanawy gysgaldylmagy bilen baglanyşykly işden çykarylýan işgäre tölegler;

10) işden çykylanda berilýän kömek puly;

11) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işlän (gulluk eden) ýyllary üçin birwagtlaýyn hak-heşdek tölemek;

12) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, işgärleriň okaýan ( işgärleriň hünär taýýarlygy, gaýtadan taýýarlygy we hünäriniň ýokarlandyrylmagy bilen bagly we ş.m.) wagtynda saklanyp galýan iş haky;

13) mejbury ýagdaýda işe gelinmedik wagty üçin ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda pes hak tölenýän işiň ýerine ýetirilen wagty üçin iş haky;

14) hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça iş berijileriň tölegleri (gatançlary), şeýle hem ätiýaçlandyryş guramalary bilen işgärleriň peýdasyna

baglaşylan meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça iş berijileriň tölegleri (gatançlary);

15) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, işler wahta usuly bilen işleri ýerine ýetirýän işgärleregoşmaça tölegleriň pul möçberi;

16) lukmançylyk gözegçiliginden geçýän işgär, gan we onuň düzüm bölekleri muzdsuz tabşyran işgäre gan tabşyran we şonuň bilen baglanyşykly berlen dynç günleri üçin onuň ortaça zähmet hakyny tölemek üçin çykdajylar;

17) raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işgärleriň ýerine ýetiren işleri (hyzmatlary) üçin, ýuridik şahsyň işgär düzüminde durmaýan işgärleriň iş haky, muňa fiziki şahslar-hususy telekeçiler bolup durýan adamlara tölenýän tölegler degişli däldir. Şunda iş hakynyň pul möçberine işleri (hyzmatlary) ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly maddy harajatlaryň bahasy goşulmaýar;

18) geljekde işgärleriň zähmet rugsatlaryny tölemek üçin ätiýaçlyk goruna we (ýa-da) ýyllyk işiň jemleri boýunça höweslendirmeleri tölemek üçin ätiýaçlyk goruna geçirmeler görnüşindäki çykdajylar;

19) hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy we hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasy üçin geçirimler;

20) işgärlere özüne düşýän gymmaty boýunça haryt görnüşinde bölünip berilýän önümiň gymmaty;

21) zähmet ylalaşygynda (şertnamasynda) we (ýa-da) köpçülikleýin ylalaşykda, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan, işgäriň peýdasyna geçirilen çykdajylaryň beýleki görnüşleri.

94. Goşmaça önümçilik çykdajylary aşakdakylary öz içine alyp biler:

1) wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek pullary we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen we iş berijiniň hasabyna işgärlere tölenilýän beýleki durmuş kömek pullary;

2) täze iş ýerine göçende işgärlere berilýän kömek puly;

3) uzak möhletli maliýe däl önümçilik aktiwleri boýunça ulanyş tutumlary;

4) uzak möhletli maliýe däl önümçilik aktiwleriniň kärendesi üçin töleg;

5) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanan ölçegleriň çäklerinde deňiz, derýa we howa gämileriniň ekipažlarynyň azyk rasiony üçin çykdajylar;

6) zaýa önüm çykarmakdan çekilen ýitgiler;

7) önümçiligiň içindäki sebäpler boýunça gutulgysyz boş durmalar sebäpli ýitgiler;

8) önümçilik emlägini ätiýaçlandyrmak we ätiýaçlandyrmagyň beýleki görnüşleri boýunça çykdajylar, 93-nji bölekde görkezilen çykdajylar muňa girmeýär;

9) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen ölçegleriň çäklerinde, önümçilik işi bilen gönüden-göni bagly, iş sapar çykdajylary. Görkezilen çykdajylar işgäriň iş sapar ýerine we hemişelik iş ýerine baryp-gelmegi;

10) ýaşaýyş jaýynyň kireýi, gije-gündizlik çykdajylary (tölegleri), ygtyýarnamalary, pasportlary, çakylyklary we beýleki şunuň ýaly resminamalary

resmileşdirmek, konsullyk, aeroport ýygymlary, girmek hukugy üçin ýygymlar we beýleki şunuň ýaly tölegleri we ýygymlar üçin çykdajylary öz içine alýar;

11) önümçilik işi bilen gönüden-göni bagly aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegi;

12) önümçilikde şikes alynmagy zerarly zähmete ukyplylygyň ýitirilmegi bilen baglanyşykly, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tölenýän kömek pullary;

13) port we aerodrom ýygymlarynyň pul möçberleri, losmanyň hyzmatlary üçin çykdajylar we beýleki şunuň ýaly çykdajylar;

14) deňiz frahty, girmek we üstaşyr geçmek üçin ýygymlar we beýleki şunuň ýaly tölegler;

15) harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek bilen baglanyşykly, ýöne ýokarda görkezilen harajatlara degişli bolmadyk beýleki harajatlar.

95. Önümleriň, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyny kesgitlemek üçin şu Gözükdirijiniň 91-nji bölegинде sanalyp geçilen ähli harajatlar (özüne düşýän gymmaty) ýerlenen önümleriň, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) möçberinde gaýtadan hasaplanmaga degişlidir.

96. “Täjirçilik ýerleme çykdajylary” (013) setirde harytlary, işleri we hyzmatlary ýerlemek bilen bagly çykdajylar görkezilýär we degişli çykdajylary hasaba almak boýunça hasaplaryň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

97. Ýerleme çykdajylary aşakdakylary öz içine alyp biler:

1) şu Gözükdirijiniň 92-94-nji böleklerinde sanalyp geçilen, önümleri, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemek bilen bagly çykdajylar;

2) ýerlemek bilen meşgullanýan işgärleriň işine maddy-tehniki we ulag üpjünçiligi taýdan hyzmat etmek, şol sanda gulluk işi maksady bilen şahsy ulagyň peýdalanylandygy üçin öwez tölegleri (bellenen ölçegleriň çäklerinde);

3) önümleri, harytlary ýerlemek bilen bagly çykdajylar, şol sanda gaplamak, saklamak, ýüklemek, daşamak boýunça çykdajylar, satyn alyjylara ýa-da araçy guramalara muzdsyz berlen we gaýtarylmaga degişli bolmadyk haryt nusgalary we şuňa meňzeş beýleki çykdajylar, ýerleme bazarlaryny öwrenmek we harytlary bazarlarda öňe sürmek (marketing) boýunça harajatlar;

4) şübheli bergiler boýunça çykdajylar;

5) öndürilýän (satyn alynýan) we (ýa-da) ýerlenýän harytlary (işleri, hyzmatlary), subýektiň işini, haryt nyşanyny, hyzmat ediş nyşanyny mahabatlandyrmak üçin çykdajylar, şol sanda sergilere we ýarmarkalara gatnaşmak üçin çykdajylar;

6) ýerleme işi bilen gönüden-göni bagly aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegi;

7) kepillendirilen abatlaýyş we hyzmat etmek üçin harajatlar;

8) ýerleme işi bilen bagly, ýöne ýokarda görkezilen harajatlara degişli bolmadyk beýleki harajatlar.

98. “Dolandyryş çykdajylary” (014) setirde subýekti dolandyrmak üçin edilen, önümçilik bilen bagly bolmadyk çykdajylar görkezilýär we degişli çykdajylary hasaba almak boýunça hasaplaryň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar. Eger subýekti dolandyrmak bilen bagly çykdajylary haýsydyr bir önümçilik işi bilen baglanyşdyrmak mümkinçiligi bar bolsa, onda şol çykdajylar

dolandyryş çykdajylaryna goşulman degişli önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýar. Mysal üçin: sehiň başlygynyň zähmet haky şol sehde öndürilýän önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýar. Şol bir wagtda subýektiň başlygynyň, işgärler bölüminiň hünärmenleriniň we ş.m. zähmet haklary dolandyryş çykdajylaryna goşulýar.

99. Dolandyryş çykdajylary aşakdakylary öz içine alyp biler:

1) 92-94-nji böleklerinde sanalyp geçilen, dolandyryş işi bilen bagly çykdajylar;

2) dolandyryş edarasynyň işine maddy-tehniki we ulag üpjünçiligi taýdan hyzmat etmek, şol sanda gulluk işi maksady bilen şahsy ulagyň peýdalanylandygy üçin öwez tölegleri (bellenen ölçegleriň çäklerinde);

3) hyzmatdaşlygy ýola goýmak we saklamak maksady bilen, beýleki ýuridik şahslaryň gepleşiklere gatnaşýan wekillerini resmi taýdan kabul etmek we hyzmat etmek bilen baglanyşykly wekilçilik çykdajylary;

4) dolandyryş işi bilen gönüden-göni bagly aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegi;

5) auditorlyk, hukuk, maslahat beriş, maglumat we beýleki dolandyryş hyzmatlary üçin çykdajylar;

6) hat-ýazuw (kanselýar) harytlary üçin çykdajylar;

7) bank hyzmatlary boýunça tölegler;

8) dolandyryş işi bilen bagly, ýöne ýokarda görkezilen harajatlara degişli bolmadyk beýleki harajatlar.

100. “Gaýry amal girdejileri” (015) setirde biologik aktiwleri ilkibaşda ykrar etmekden alnan girdejiler, oba hojalyk önümlerini ýygnamakdan alnan girdejiler, biologik aktiwleriň adalatly gymmatynyň üýtgemeginiň netijeleri we ş.m., ýagny 142201-142203 hasaplaryň galyndylarynyň jemi görkezilýär.

101. “Gaýry amal çykdajylary” (016) setirde subýektiň gaýry amal çykdajylarynyň jemi görkezilýär we 221604, 2819 esasy toparyň hasaplarynyň amal işi bilen bagly galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

102. Gaýry amal çykdajylary aşakdakylary öz içine alyp biler:

1) gorag we howpsuzlyk, zähmetiň kadaly şertlerini üpjün etmek üçin çykdajylar (emlägi goramak boýunça hyzmatlar, ýangyna garşy çäreler, zähmetiň howpsuzlygy we gönüden-göni ýuridik şahsyň çäklerinde ýerleşýän saglygy goraýyş otagyny we esbaplaryny saklamak bilen baglanyşykly çykdajylar we beýleki şunuň ýaly çykdajylar);

2) wahta usuly boýunça işleri amala aşyrýan kärhanalar tarapyndan ýaşaýyş jaý-jemagat we ýaşaýyş-durmuş desgalaryny goşmak bilen wahta we wagtlaýyn şäherçeleri saklamak üçin çykdajylar;

3) çagyrylýan işgärler üçin ýaşaýyş jaýyny kireýine almak boýunça çykdajylar;

4) işiň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmak hukugy üçin ýygymlar we tölegler (ýuridik şahslaryň bellige alnandygy üçin töleg, ygtyýarlylandyryş tölegleri we beýleki tölegler);

5) önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) güwälendirilmegi boýunça çykdajylar;

6) iberilen haryt-maddy gymmatlyklara, işlere, hyzmatlara degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi, şeýle önüm ibermek boýunça kreditor bergi (kreditorlaryň öňündäki borçnama) hasabat döwründe hasapdan öçürilen bolsa;

7) maddy kömek;

8) ýuridik şahsyň işgärlerine berilýän ýa-da ýuridik şahsyň jemgyýetçilik iýmiti üçin kömekçi hojalyklar tarapyndan goýberilýän önüm (işler, hyzmatlar) boýunça baha tapawutlary;

9) talyp haklaryny tölemek, okuw mekdepleri bilen şertnamalaryň esasynda goşmaça okatmak üçin, işgärleri taýýarlamak, olaryň hünärini ýokarlandyrmak we gaýtadan taýýarlamak boýunça goşmaça hyzmatlar üçin töleg bilen baglanyşykly, kanunçylykda bellenen kadalardan we ölçeglerden ugur alnyp geçirilýän harajatlar, binýatlyk kärhanalaryň esasy işlerinden boşadylan işgärleriň we hünärli işçileriň onümçilik we önümçilik tejribesi şertlerinde umumy bilim berýän mekdepleriň, orta hünärmentçilik mekdepleriniň we hünärmentçilik liseýleriniň, okuw-önümçilik firmalarynyň, orta okuw mekdepleriniň okuwçylarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň okuwyna ýolbaşçylyk edendikleri üçin zähmet hakyny tölemek boýunça harajatlary;

10) işgärleri iş ýerine we öýlerine gatnatmak boýunça harajatlar, ulag kärhanalary bilen baglaşylan şertnamalara laýyklykda guralan, şäher ýolagçylar ulagynyň (taksiden başga) ýörite ugurlary üçin goşmaça çykdajylary goşmak bilen (ulagyň degişli görnüşiniň hereket edýän tarifleri boýunça kärhanalaryň işgärleri tarapyndan tölenýän bahadan artyk möçberde);

11) kanunçylykda bellenen tertipde, pudaklaýyn we pudakara ýörite býujetden daşary gaznalara geçirilýän geçirimler;

12) zähmetkeşler köpçüligine hyzmat edýän jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryna muzdsuz berilýän jaýlary saklamak bilen bagly harajatlar (ulanyş tutumlaryny, jaýlary abatlamagyň ähli görnüşlerini geçirmek üçin harajatlary, yşyklandyryş, ýyladyş, suw üpjünçiligi, elektrik üpjünçiligi, şeýle hem nahar taýýarlamak üçin ýagnyç bilen bagly çykdajylary goşmak bilen);

13) oýlap tapyşlar we rasionalizatorçylyk teklipler üçin tölenýän hak;

14) keseki ýuridik şahslar we fiziki şahslar-hususy telekeçiler tarapyndan ýerine ýetirilen işler (edilen hyzmatlar) üçin komission ýygymlaryň we beýleki şunuň ýaly çykdajylaryň pul möçberleri;

15) öz işgärlerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak üçin çykdajylar;

16) işgärleri guramaçylykly işe kabul etmek üçin harajatlar;

17) önümçilik içi sebäpler boýunça düzedip bolýan boş durmalar sebäpli ýitgiler;

18) täze önümçilikleri, sehleri we agregatlary taýýarlamak we özleşdirmek üçin çykdajylar;

19) tehnologiýany, önümçiligiň guralyşyny we dolandyryşy kämilleşdirmek bilen bagly düýpli bolmadyk çykdajylar;

20) ylmy barlaglar we tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin çykdajylar;

21) tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar;

22) hapalaýan maddalaryň bellenen aňryçäk ölçeglerden ýokary derejede tebigy gurşawa taşlanandygy (zyňylandygy) üçin tölegler;

23) işgärleriň işine maddy-tehniki we ulag üpjünçiligi taýdan hyzmat etmek, şol sanda gulluk işi maksady bilen şahsy ulagyň peýdalanylandygy üçin öwez tölegleri (bellenen ölçegleriň çäklerinde);

24) ykdysady iş bilen bagly aktiwleri ätiýaçlandyrmak boýunça çykdajylar;

25) haryt-maddy gymmatlyklaryň tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk möçberde ýetmezçiligi we (ýa-da) zaýalanmagy sebäpli, şeýle hem peýdalanmaga ýaramly möhletiniň geçendigi üçin ýitgiler;

26) ýatyrylan önümçiligiň sargytlary boýunça harajatlar;

27) durzulan önümçilik kuwwatlyklaryny we desgalaryny saklamak üçin harajatlar;

28) gap bilen bagly amallar boýunça harajatlar;

29) kazyýet çykdajylary;

30) haryt-maddy ätiýaçlyklaryň bahasynyň arzanlamagy sebäpli çykdajylar;

31) amal işi bilen baglanyşykly bellenen ýa-da ykrar edilen jerimeler, puşmana pullary we jerime pullary (şol sanda býujete tölenmäge degişli jerimeler);

32) salgytlar we salgyt däl tölegleri;

33) önümiň özüne düşýän gymmatyna degişli edilmeýän, önümçilik häsiýetli beýleki umumy we dolandyryş çykdajylary.

Söwda işi bilen meşgullanýan kärhanalar ýerlemek bilen baglanyşykly harajatlaryň düzüminde harytlaryň özüne düşýän gymmatyna goşulmaýan ähli söwda çykdajylaryny hasaba alýarlar.

103. “Maýa goýumlardan girdejiler” (021) setirde maliýe we maliýe däl aktiwlere eýeçilik etmegiň netijesinde alnan girdejiler görkezilýär we 141141 - 141145, 141148, 141241 – 141244 hasaplaryň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

104. “Maliýe çykdajylary” (022) setirde içerki we daşarky maýa goýumçylardan çekilen nesýeler we karzlar boýunça göterim çykdajylary, maliýe kärendesi boýunça göterimler, maliýe kepillikleri boýunça çykdajylar we maliýe işi bilen bagly beýleki çykdajylar görkezilýär we 2411, 2421 esasy toparlaryň hasaplarynyň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

105. “Gaýry amal däl girdejiler” (023) setirde grantlar boýunça girdejiler, maýa goýumlaryndan alnan girdejiler we gaýry amal däl girdejiler görkezilýär we 131101, 131201, 132101, 132201, 133101, 133201, 141146, 141147, 141246-141248, 141541-141549, 145341-145346 hasaplaryň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

106. Gaýry amal däl girdejiler aşakdakylary öz içine alyp biler:

1) maýa goýum emläginden başga, maliýe däl aktiwlere eýelik etmekden alnan girdejiler, maliýe däl maýa goýumlarynyň ilkibaşky (adalatly) gymmatynyň üýtgemeginden we olaryň çykyp gitmeginden alnan girdejiler;

2) uzak möhletli maliýe däl aktiwleri muzdsuz almakdan alnan, aktiwiň peýdalanylyşyna görä hasaplanyp ýazylan ulanyş tutumynyň möçberine deň bolan girdeji;

3) ätiýaçlandyryş ýa-da gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça alnan ätiýaçlandyryş öwezi dolma pul möçberleri;

4) ylalaşyk borçnamalarynyň bozulandygy üçin jerimeler we beýleki jerime çäreleri görnüşinde alnan serişdeler, şeýle hem ýitginiň we zyýanyň öweziniň dolunmagy görnüşinde alnan pullar;

5) ozal hasapdan öçürilen bergileri üzmegiň hasabyna gelip gowşan pul möçberleri;

6) Türkmenistanyň Raýat kodeksinde kesgitlenen, awtorlyk hukugyndan peýdalanylandygy ýa-da şu hukugy peýdalanmaga berlendigi üçin hak-heşdekler, şahadatnama, söwda nyşany, haryt nyşany ýa-da hyzmat ediş nyşany, çyzgy ýa-da model, görnüş, gizlin formula we (ýa-da) işiň barşy ýa-da senagata, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlar üçin hak-heşdekler;

7) ozal şübheli bergiler boýunça ätiýaçlygyň hasabyna hasapdan öçürilip, soňra bergidarlardan alnan serişdeler;

8) hak isleg möhletiniň geçmegi bilen baglylykda ýa-da gaýry esaslar boýunça hasapdan öçürilen bergileriň pul möçberi, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda salgytlar (puşmana tölegler, jerimeler) boýunça tölenjegine umyt bolmadyk bergileriň hasapdan öçürilen möçberleri muňa girmeýär;

9) daşary ýurt pulundaky amallar boýunça hümmet tapawutlaryndan alnan girdejiler;

10) haýyr-yhsan işiniň netijesinde alnan, bellenen maksady boýunça peýdalanylmadyk emlägiň (işleriň, hyzmatlaryň) gymmaty;

11) tükellemegiň netijesinde ýüze çykarylan haryt-maddy gymmatlyklaryň artyk möçberleriň gymmaty;

12) muzdsuz alnan ätiýaçlyklar (işler, hyzmatlar);

13) aktiwiň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgini dikeltmekden alnan girdeji;

14) subsidiýalar we maksatlaýyn maliýeleşdirmeler;

15) gündelik işi maliýeleşdirmekden alnan girdejiler;

16) agzalyk we giriş gatançlary;

17) ynsanperwerlik kömegi;

18) gaýry girdejiler.

107. “Gaýry amal däl çykdajylar” (024) setirde amal işi bilen bagly bolmadyk gaýry amal däl çykdajylar görkezilýär we 281901-281909, 282346-282348, 282441-282446 hasaplaryň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

108. Amal däl işden çekilýän gaýry çykdajylar aşakdakylary öz içine alyp biler:

1) daşary ýurt puly bilen amallar boýunça, şeýle hem daşary ýurt pulundaky gymmatlyklar we talaplar arzanlanda ýa-da daşary ýurt pulundaky borçnamalaryň bahasy ýokarlananda ýüze çykýan oňaýsyz hümmet tapawudy; eger-de daşary ýurt pulunyň taraplaryň ylalaşmagy bilen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň), emläk hukuklarynyň ýerlenen (girdeji edilen) senesinde bellenilen hümmeti boýunça hasaplanan borçnamalaryň we talaplaryň emele gelen möçberi, manatda hakyky gelip düşen (tölenen) möçbere laýyk gelmände salgyt töleýjide döreýän oňaýsyz tapawut;

2) gymmatly kagyzlaryň satylan bahasy bilen we satyn alnan bahasynyň arasyndaky oňaýsyz tapawut;

3) öz gymmatly kagyzlarynyň çykarylmagyny guramak üçin we satyn alnan gymmatly kagyzlara hyzmat etmek üçin çykdajylar;

4) baha berilýän gorlary emele getirmek üçin çykdajylar;

5) hasaplanyp ýazylmadyk ulanyş tölegleriniň pul möçberini goşmak bilen ulanmakdan çykarylan esasy serişdeleri ýok etmek üçin çykdajylar, şeýle hem tamamlanmadyk gurluşygyň desgalaryny we gurnamak işleri tamamlanmadyk beýleki emläkleri sökmek, ýerasty baýlyklary goramak we beýleki şunuň ýaly işler üçin çykdajylar;

6) önümçilik kuwwatlyklaryny we binalaryny duruzmak we gaýtadan ýola goýmak bilen baglanyşykly çykdajylar, şol sanda durzulan önümçilik kuwwatlyklaryny we binalary saklamak üçin harajatlar;

7) işlere kazyýetde garamak bilen baglanyşykly çykdajylar;

8) paýdarlaryň her ýylky ýygnagyny geçirmek üçin çykdajylar;

9) hak isleýiş möhletiniň geçendigi bilen baglanyşykly ýa-da başga bir esaslar boýunça hasapdan öçürilen debitor algynyň pul möçberi;

10) ozal hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin tölenen pul möçberleri;

11) daşarky sebäpler boýunça boş durmalardan çekilen, günäkärler tarapyndan öwezi dolunmaýan ýitgiler;

12) günäkär adamlar bolmadyk (ýüze çykarylmadyk) halatlarynda ogurlyk sebäpli ýitgiler;

13) talaby başga birine bermek geleşigi boýunça ýitgiler;

14) şereketiň işiniň netijeleri boýunça şerekete gatnaşyjy tarapyndan çekilýän zyýanlar;

15) esasy işi daşarky gurşawy goramak bilen bagly bolmadyk subýektleriň daşarky gurşawy goramak boýunça çykdajylary;

16) kärhananyň balansynda durýan medeni-durmuş we beýleki desgalary saklamak boýunça işler üçin harajatlar (ulanyş tutumlaryny we abatlamak işleriniň ähli görnüşlerini goşmak bilen);

17) muzdsyz berlen emläkler;

18) maýa goýum emläginden başga, maliýe däl aktiwlere eýelik etmegi üçin çykdajylar, maliýe däl aktiwleriň ilkibaşky (adalatly) gymmatynyň üýtgemeginden we olaryň çykyp gitmeginden emele gelen çykdajylar;

19) amal däl işi bilen bagly gaýry çykdajylar.

109. “Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça çykdajylar” (031) setirde ýuridik şahsyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan gündelik we gaýra goýlan salgyt boýunça çykdajylar, ýagny 282345 hasabyň galyndysy görkezilýär.

110. Maliýe hasabatlylygynyň milli standartlarynyň talaplarynyň Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň düzgünlerinden tapawutly bolmagy bilen baglylykda, buhgalterçilik peýda bilen salgyt salynýan peýda hemişe diýen ýaly gabat gelmeýärler. Mysal üçin: ulanyş tutumlary hasaplamagyň usuly we olaryň ölçegleri gabat gelmeýär, buhgalterçilik peýda hasaplananda hasaba alynýan çykdajylar salgyt salynýan peýda hasaplananda diňe bellenen möçberleriň çäginde hasaba alynýar we ş.m. Şular ýaly tapawutlar gaýra goýlan salgyt aktiwleriniň we

borçnamalaryň emele gelmegine getirýär. Şeýlelikde, bu salgydy tölemek bilen bagly çykdajylar:

gündelik salgyt boýunça çykdajylary; we

gaýra goýlan salgyt boýunça çykdajylary öz içine alýar.

111. Gündelik salgyt boýunça çykdajy Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň düzgünlerinden ugur almak bilen emele gelýär.

112. Gaýra goýlan salgyt boýunça çykdajy buhgalterçilik hasaba alnyşy bilen salgyt hasaba alnyşy boýunça emele gelýän wagtlaýyn tapawutlar bilen kesgitlenýär.

113. “Gözegçilik etmeýän eýeleriniň paýy” (041) setirde gözegçilik etmeýän eýeleriniň maýa gatnaşmagynyň paýyna düşýän peýdalarynyň ýa-da ýitgileriniň bölegi görkezilýär we salgyt salnandan soň jemi peýdany olaryň maýa gatnaşmagynyň paýyna (göterimde) köpeltmek arkaly hasaplanylýar.

114. “Gaýry jemi peýda (ýitgi), hemmesi” (060) setirde peýda ýa-da ýitgi hasaplananada hasaba alynman gönümel maýanyň düzüminde hasaba alynýan girdejileriň we çykdajylaryň degişli görnüşleri boýunça tapawutlar, ýagny 800070 hasabyň degişli debet we kredit dolanşyklary görkezilýär.

115. Gaýry jemi peýda (ýitgi) şu aşakdakylary hasaplamak arkaly emele getirilip bilner:

esasy serişdelere gaýtadan baha bermegi;

bar bolan ýerlemek üçin niýetlenen maliýe aktiwlerine gaýtadan baha bermegi;

paýly gatnaşmak usuly bilen hasaba alynýan, assosirlenen kärhanalaryň we bilelikdäki işiň gaýry jemi peýdasyndaky (ýitgisindäki) paýy;

daşary ýurtly kärhanalara maýa goýumlar boýunça hümmet tapawudyny;

gaýry jemi peýdanyň gaýry düzüm böleklerini;

täzeden topara bölünende peýdanyň (ýitginiň) düzümine düzediş girizmegi;

gaýry jemi peýdanyň düzüm bölekleriniň salgyt netijesini.

116. “Gözegçilik etmeýän eýeleriniň paýy” (071) setirde subýektiň gözegçilik etmeýän eýeleriniň maýa gatnaşmagynyň paýyna düşýän umumy jemi peýdalarynyň ýa-da ýitgileriniň bölegi görkezilýär we salgyt salnandan soň umumy jemi peýdany olaryň maýa gatnaşmagynyň paýyna (göterimde) köpeltmek arkaly hasaplanylýar.

117. “Paýnama düşýän peýda” (090) setirde köplenç peýdany hasabat döwründe paýnamalaryň ortaça (wagt boýunça) sanyna bölmek arkaly hasaplanylýan adaty paýnamalaryň eýelerine düşýän peýdanyň möçberi görkezilýär.

### §3. Girdejiler we çykdajylar barada hasabaty düzmek

118. Girdejiler we çykdajylar barada hasabaty diňe býujet edaralary düzýärler.

119. Girdejiler we çykdajylar barada hasabatda hasabat döwründe we geçen ýylyň degişli döwrüniň ykrar edilen girdejileriň we çykdajylaryň ähli görnüşleri, şol sanda býujetden daşary işiniň görnüşleri boýunça görkezilýär.

120. “Gündelik işi maliýeleşdirmekden alnan girdejiler” (010) setirde tassyklanan býujete laýyklykda býujet edarany saklamak üçin alnan maliýe

serişdelerinden hasabat döwründe gelen girdejileriň we maksatlaýyn maliýeleşdirmeleriň möçberi, ýagny 146141 hasabyň galyndysy görkezilýär.

121. “Düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmekden alnan girdejiler” (011) setirde düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek üçin serişdeleri sarp etmekden alnan, ozal býujetden berlen maliýe serişdeleriniň hasabyna satyn alnan uzak möhletli maliýe däl aktiwleriň hasaplanyp ýazylan ulanyş tutumynyň möçberine barabar bolan hasabat döwründe ykrar edilen girdejileriň möçberi, ýagny 146142 hasabyň galyndysy görkezilýär.

122. “Subsidiýalar görnüşinde alnan girdejiler” (012) setirde subsidiýalar boýunça hasabat döwründe ykrar edilen girdejileriň möçberi, ýagny 146143 hasabyň galyndysy görkezilýär.

123. “Gaýry amal girdejiler” (013) setirde býujet işjeňligi bilen bagly ýokarda beýan edilen girdejilerden başga girdejileriň möçberi görkezilýär.

124. “Grantlar boýunça girdejiler” (014) setirde alnan gündelik we düýpli grantlar, ýagny 131101, 131201, 132101, 132201, 133101 we 133201 hasaplaryň galyndylarynyň jemi görkezilýär.

125. “Harytlary, işleri we hyzmatlary ýerlemekden alnan girdejiler” (015) setirde býujetden daşary esasy işjeňliginden alnan girdejileriň möçberi görkezilýär we 142101+142104+142105+142109-142102-142103 aňlatma arkaly hasaplanylýar.

126. “Maýa goýumlardan girdejiler” (016) setirde maliýe we maliýe däl aktiwlere eýeçilik etmegiň netijesinde alnan girdejiler görkezilýär we 1411, 1412 esasy toparlaryň degişli hasaplarynyň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

127. “Gaýry amal däl girdejiler” (017) setirde býujetden daşary işjeňliginden alynan ýokarda beýan edilen girdejilerden başga girdejileriň möçberi görkezilýär.

128. “Işgärleriň zähmet haklary üçin çykdajylar” (021) setirde býujet işjeňliginde zähmet çekýän işgärleriň zähmet haklary we kömek pullary boýunça çykdajylary görkezilýär we 2111, 2711, 2721 esasy toparlaryň degişli hasaplarynyň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

129. “Hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatançlar boýunça çykdajylar” (022) setirde býujet işjeňliginde zähmet çekýän işgärleriň hökmany pensiýa ätiýaclandyrmasy boýunça çykdajylary görkezilýär we 2121 esasy toparyň hasaplarynyň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

130. “Materiallar we hyzmatlar üçin çykdajylar” (023) setirde býujet işjeňligi bilen bagly materiallar boýunça we hyzmatlaryň beýleki görnüşleri boýunça çykdajylaryň möçberi görkezilýär we 2211, 2218 esasy toparlaryň degişli hasaplarynyň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

131. “Gaýry amal çykdajylar” (024) setirde býujet işjeňligi bilen bagly ýokarda beýan edilen çykdajylardan başga çykdajylaryň möçberi görkezilýär.

132. “Ýerlenen önümleriň, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmaty” (025) setirde esasy býujetden daşary işjeňligi bilen bagly harajatlaryň möçberi görkezilýär we 225141 – 225144 esasy toparlaryň hasaplarynyň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

133. “Maliýe çykdajylary” (026) setirde içerki we daşarky maýa goýumçylardan çekilen nesýeler we karzlar boýunça göterim çykdajylary, maliýe kärendesi boýunça göterimler, maliýe kepillikleri boýunça çykdajylar we maliýe işi bilen bagly beýleki çykdajylar görkezilýär we 2411, 2421 esasy toparlaryň hasaplarynyň galyndylaryny jemlemek arkaly hasaplanylýar.

134. “Gaýry amal däl çykdajylar” (027) setirde býujet daşary işjeňligi boýunça ýokarda beýan edilmedik gaýry çykdajylaryň jemi görkezilýär.

## §4. Maýadaky üýtgemeler barada hasabaty düzmek

135. Maýadaky üýtgemeler barada hasabat hususy maýanyň möçberini we onuň ähli görnüşleriniň hereketini görkezýär hem-de iki döwür üçin, geçen ýylyň degişli hasabat döwri we şu ýylyň hasabat döwri üçin düzülýär.

136. Subýektiň maýasyndaky üýtgemeler hasabat döwründe çykarylan paýnamalary satyn alýan, olaryň peýdasyna diwidendler hasaplanyp ýazylýan we tölenilýän eýeleri bilen amallaryň netijesinde, şeýle hem paýlanmadyk peýdanyň toplanmagynyň, emlägiň dürli görnüşlerine gaýtadan baha bermegiň hasabyna bolup geçýär. Umumy görnüşde bu üýtgemeler hasabat döwründe arassa aktiwleriň üýtgemeginde ýa-da öndürijilikli maýanyň fiziki ululygynda ýüze çykýar.

137. Hasabat döwründe subýektiň maýasyndaky üýtgemeler şol döwürde onuň arassa aktiwleriniň artandygyny ýa-da azalandygyny görkezýär. Döwürde maýadaky umumy üýtgemeler şu girdeji we çykdajy maddalarynyň peýdanyň ýa-da ýitginiň düzüminde ykrar edilendigine ýa-da gönüden-göni maýadaky üýtgemelere degişli edilendigine garamazdan, hasabat döwrüniň dowamynda subýektiň işiniň netijesinde alnan peýdalary we ýitgileri goşmak bilen, girdejileriň we çykdajylaryň umumy möçberinden ybaratdyr.

138. “Geçen ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna galyndy” (010) setirde subýektiň maýasynyň degişli görnüşleri (esaslyk maýa, emissiýa girdejisi, ätiýaçlyk maýa, ätiýaçlyk gorlary we ş.m.) boýunça geçen ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna başlangyç galyndylary görkezilýär.

139. “Hasaba alyş syýasatyndaky üýtgeme” (011) setiriň “Paýlanmadyk peýda” sütüninde subýektiň hasaba alyş syýasatyndaky üýtgemäniň täsiri görkezilýär.

140. “Geçen ýylyň degişli hasabat döwrüniň peýdasy (ýitgisi)” (040) setiriň “Paýlanmadyk peýda” sütüninde geçen ýylyň degişli hasabat döwrüniň salgyt salnandan soň jemi peýdasy (ýitgisi) görkezilýär.

141. “esasy serişdelere gaýtadan baha bermegiň netijesi” (051) setiriň “Ätiýaçlyk gorlary” sütüninde geçen ýylyň degişli hasabat döwründe gaýtadan baha berlenden soňra esasy serişdeleriň gymmatynyň üýtgemegi görkezilýär.

142. “esasy serişdelere gaýtadan baha bermekden ulanyş tutumy” (052) setirde esasy serişdelere geçen ýylyň degişli hasabat döwründe gaýtadan baha bermekden olaryň gymmatyň ýokarlanan böleginiň paýlanmadyk peýda geçirilýän möçberi (gaýtadan baha berlen balans gymmaty boýunça hasaplanan ulanyş tutumlary bilen onuň özüne düşýän gymmaty boýunça hasaplanan ulanyş tutumlaryň

aratapawudy) “-“ alamaty bilen “Ätiýaçlyk gorlary” sütüninde, “+” alamaty bilen “Paýlanmadyk peýda” sütüninde görkezilýär.

143. “bar bolan satmak üçin niýetlenen maliýe aktiwlerine gaýtadan baha bermek” (053) setirde bar bolan satmak üçin niýetlenen maliýe aktiwleriniň adalatly gymmatynyň geçen ýylyň degişli hasabat döwründe gaýtadan baha bermegiň netijesinde üýtgemeginiň möçberi görkezilýär.

144. “paýly gatnaşmak usuly bilen hasaba alynýan, assosirlenen kärhanalaryň we bilelikdäki işiň gaýry jemi peýdasyndaky (ýitgisindäki) paý” (054) setirde paýly gatnaşmak usuly peýdalanylanda assosirlenen kärhanalaryň we bilelikdäki işiň gaýry jemi peýdasyndaky (ýitgisindäki) geçen ýylyň degişli hasabat döwründe paýy görkezilýär.

145. “jemi peýdanyň (ýitginiň) gaýry üýtgemeleri” (055) setirde jemi peýdanyň (ýitginiň) 051-054 setirlerde görkezilmedik geçen ýylyň degişli hasabat döwründe gaýry üýtgemeleri görkezilýär.

146. “eýeleriniň gatançlary” (061) setiriň “Esaslyk maýa (paýdarlar maýasy)” sütüninde esaslyk maýanyň geçen ýylyň degişli hasabat döwründe artmagynyň möçberi görkezilýär.

147. “hususy paý gurallaryny (paýnamalary) çykarmak” (062) setiriň “Esaslyk maýa (paýdarlar maýasy)” sütüninde täze paýnamalaryň goýberilmegi netijesinde geçen ýylyň degişli hasabat döwründe paýdarlar maýasynyň artmagy görkezilýär.

148. “diwidendleri tölemek” (063) setiriň “Paýlanmadyk peýda” sütüninde “-” alamaty bilen geçen ýylyň degişli hasabat döwründe yglan edilen diwidendleriň möçberi görkezilýär.

149. “eýeleri bilen gaýry amallar” (064) setirde geçen ýylyň degişli hasabat döwründe eýeleri bilen amallaryň 061-063 setirlerde görkezilmedik möçberi görkezilýär.

150. “Şu ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna galyndy” (080) setirde subýektiň maýasynyň degişli görnüşleri (esaslyk maýa, emissiýa girdejisi, ätiýaçlyk maýa, ätiýaçlyk gorlary we ş.m.) boýunça geçen ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna başlangyç galyndylary görkezilýär.

151. “Hasaba alyş syýasatyndaky üýtgeme” (081) setiriň “Paýlanmadyk peýda” sütüninde subýektiň hasaba alyş syýasatyndaky üýtgemäniň täsiri görkezilýär.

152. “Şu ýylyň hasabat döwrüniň peýdasy (ýitgisi)” (110) setiriň “Paýlanmadyk peýda” sütüninde şu ýylyň degişli hasabat döwrüniň salgyt salnandan soň jemi peýdasy (ýitgisi) görkezilýär.

153. “esasy serişdelere gaýtadan baha bermegiň netijesi” (121) setiriň “Ätiýaçlyk gorlary” sütüninde şu ýylyň degişli hasabat döwründe gaýtadan baha berlenden soňra esasy serişdeleriň gymmatynyň üýtgemegi görkezilýär.

154. “esasy serişdelere gaýtadan baha bermekden ulanyş tutumy” (122) setirde esasy serişdelere şu ýylyň degişli hasabat döwründe gaýtadan baha bermekden olaryň gymmatynyň ýokarlanan böleginiň paýlanmadyk peýda geçirilýän möçberi (gaýtadan baha berlen balans gymmaty boýunça hasaplanan ulanyş tutumlary bilen onuň özüne düşýän gymmaty boýunça hasaplanan ulanyş

tutumlaryň aratapawudy) “-“ alamaty bilen “Ätiýaçlyk gorlary” sütüninde, “+” alamaty bilen “Paýlanmadyk peýda” sütüninde görkezilýär.

155. “bar bolan satmak üçin niýetlenen maliýe aktiwlerine gaýtadan baha bermek” (123) setirde bar bolan satmak üçin niýetlenen maliýe aktiwleriniň adalatly gymmatynyň şu ýylyň degişli hasabat döwründe gaýtadan baha bermegiň netijesinde üýtgemeginiň möçberi görkezilýär.

156. “paýly gatnaşmak usuly bilen hasaba alynýan, assosirlenen kärhanalaryň we bilelikdäki işiň gaýry jemi peýdasyndaky (ýitgisindäki) paý” (124) setirde paýly gatnaşmak usuly peýdalanylanda assosirlenen kärhanalaryň we bilelikdäki işiň gaýry jemi peýdasyndaky (ýitgisindäki) şu ýylyň degişli hasabat döwründe paýy görkezilýär.

157. “jemi peýdanyň (ýitginiň) gaýry üýtgemeleri” (125) setirde jemi peýdanyň (ýitginiň) 121-124 setirlerde görkezilmedik şu ýylyň degişli hasabat döwründe gaýry üýtgemeleri görkezilýär.

158. “eýeleriniň gatançlary” (131) setiriň “Esaslyk maýa (paýdarlar maýasy)” sütüninde esaslyk maýanyň şu ýylyň degişli hasabat döwründe artmagynyň möçberi görkezilýär.

159. “hususy paý gurallaryny (paýnamalary) çykarmak” (132) setiriň “Esaslyk maýa (paýdarlar maýasy)” sütüninde täze paýnamalaryň goýberilmegi netijesinde şu ýylyň degişli hasabat döwründe paýdarlar maýasynyň artmagy görkezilýär.

160. “diwidendleri tölemek” (133) setiriň “Paýlanmadyk peýda” sütüninde “-” alamaty bilen şu ýylyň degişli hasabat döwründe yglan edilen diwidendleriň möçberi görkezilýär.

161. “eýeleri bilen gaýry amallar” (134) setirde şu ýylyň degişli hasabat döwründe eýeleri bilen amallaryň 061-063 setirlerde görkezilmedik möçberi görkezilýär.

## § 5. Arassa aktiwlerdäki/maýadaky üýtgemeler barada hasabaty düzmek

162. Arassa aktiwlerdäki/maýadaky üýtgemeler barada hasabatda býujet edaranyň hasabat hususy maýanyň möçberini we onuň ähli görnüşleriniň hereketini görkezýär hem-de iki döwür üçin, geçen ýylyň degişli hasabat döwri we şu ýylyň hasabat döwri üçin düzülýär.

163. “Geçen ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna galyndy” (010) setirde maýanyň degişli görnüşleri (Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek, Ätiýaçlyk gorlar, Toplanan maliýe netijesi (paýlanmadyk peýda)) boýunça geçen ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna başlangyç galyndylary görkezilýär.

164. “Hasaba alyş syýasatyndaky üýtgemeler” (011) setiriň “Toplanan maliýe netijesi (paýlanmadyk peýda)” sütüninde subýektiň hasaba alyş syýasatyndaky üýtgemeleriň täsiri görkezilýär.

165. “Geçen ýylyň degişli hasabat döwrüniň maliýe netijesi” (040) setiriň “Toplanan maliýe netijesi (paýlanmadyk peýda)” sütüninde geçen ýylyň degişli hasabat döwrüniň maliýe netijesi görkezilýär.

166. “esasy serişdelere gaýtadan baha bermegiň netijesi” (051) setiriň “Ätiýaçlyk gorlar” sütüninde geçen ýylyň degişli hasabat döwründe gaýtadan baha berlenden soňra esasy serişdeleriň gymmatynyň üýtgemegi görkezilýär.

167. “esasy serişdelere gaýtadan baha bermekden ulanyş tutumy” (052) setirde esasy serişdelere geçen ýylyň degişli hasabat döwründe gaýtadan baha bermekden olaryň gymmatyň ýokarlanan böleginiň paýlanmadyk peýda geçirilýän möçberi (gaýtadan baha berlen balans gymmaty boýunça hasaplanan ulanyş tutumlary bilen onuň özüne düşýän gymmaty boýunça hasaplanan ulanyş tutumlaryň aratapawudy) “-“ alamaty bilen “Ätiýaçlyk gorlar” sütüninde, “+” alamaty bilen “Toplanan maliýe netijesi (paýlanmadyk peýda)” sütüninde görkezilýär.

168. “bar bolan satmak üçin niýetlenen maliýe aktiwlerine gaýtadan baha bermek” (053) setirde bar bolan satmak üçin niýetlenen maliýe aktiwleriniň adalatly gymmatynyň geçen ýylyň degişli hasabat döwründe gaýtadan baha bermegiň netijesinde üýtgemeginiň möçberi görkezilýär.

169. “ätiýaçlyk gorlaryň gaýry üýtgemeleri” (054) setirde ätiýaçlyk gorlaryň 051-053 setirlerde görkezilmedik geçen ýylyň degişli hasabat döwründe gaýry üýtgemeleri görkezilýär.

170. “debet dolanyşygy "Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek"” (061) setiriň “Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek” sütüninde geçen ýylyň degişli hasabat döwründe hasaplanan ulanyş tutumlaryň we düýpli maýa goýumlaryň çykyp gitmeginiň möçberi görkezilýär.

171. “kredit dolanyşygy "Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek"” (062) setiriň “Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek” sütüninde düýpli maýa goýumlaryň geçen ýylyň degişli hasabat döwründe gelip gowşan möçberi görkezilýär.

172. “Şu ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna galyndy” (080) setirde maýanyň degişli görnüşleri (Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek, Ätiýaçlyk gorlar, Toplanan maliýe netijesi (paýlanmadyk peýda)) boýunça şu ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna başlangyç galyndylary görkezilýär.

173. “Hasaba alyş syýasatyndaky üýtgemeler” (081) setiriň “Toplanan maliýe netijesi (paýlanmadyk peýda)” sütüninde subýektiň hasaba alyş syýasatyndaky üýtgemeleriň täsiri görkezilýär.

174. “Şu ýylyň hasabat döwrüniň maliýe netijesi” (110) setiriň “Toplanan maliýe netijesi (paýlanmadyk peýda)” sütüninde şu ýylyň hasabat döwrüniň maliýe netijesi görkezilýär.

175. “esasy serişdelere gaýtadan baha bermegiň netijesi” (121) setiriň “Ätiýaçlyk gorlar” sütüninde şu ýylyň hasabat döwründe gaýtadan baha berlenden soňra esasy serişdeleriň gymmatynyň üýtgemegi görkezilýär.

176. “esasy serişdelere gaýtadan baha bermekden ulanyş tutumy” (122) setirde esasy serişdelere şu ýylyň hasabat döwründe gaýtadan baha bermekden olaryň gymmatyň ýokarlanan böleginiň paýlanmadyk peýda geçirilýän möçberi (gaýtadan baha berlen balans gymmaty boýunça hasaplanan ulanyş tutumlary bilen onuň özüne düşýän gymmaty boýunça hasaplanan ulanyş tutumlaryň aratapawudy)

“-“ alamaty bilen “Ätiýaçlyk gorlar” sütüninde, “+” alamaty bilen “Toplanan maliýe netijesi (paýlanmadyk peýda)” sütüninde görkezilýär.

177. “bar bolan satmak üçin niýetlenen maliýe aktiwlerine gaýtadan baha bermek” (123) setirde bar bolan satmak üçin niýetlenen maliýe aktiwleriniň adalatly gymmatynyň şu ýylyň hasabat döwründe gaýtadan baha bermegiň netijesinde üýtgemeginiň möçberi görkezilýär.

178. “ätiýaçlyk gorlaryň gaýry üýtgemeleri” (124) setirde ätiýaçlyk gorlaryň 121-123 setirlerde görkezilmedik şu ýylyň hasabat döwründe gaýry üýtgemeleri görkezilýär.

179. “debet dolanyşygy "Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek"” (131) setiriň “Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek” sütüninde hasaplanan ulanyş tutumlaryň we düýpli maýa goýumlaryň şu ýylyň hasabat döwründe çykyp gitmeginiň möçberi görkezilýär.

180. “kredit dolanyşygy "Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek"” (132) setiriň “Býujet serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek” sütüninde düýpli maýa goýumlaryň şu ýylyň hasabat döwründe gelip gowşan möçberi görkezilýär.

### §6. Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabaty düzmek

181. Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat peýdalanyjylara subýektiň pul serişdelerini we olaryň ekwiwalentlerini emele getirmek ukybyna we olaryň sarp edilişine baha bermäge mümkinçilik berýär.

182. Bu hasabatda şol döwürdäki pul serişdeleriniň hereketi amal we amal däl işi, maýa goýum we maliýe işi boýunça pul serişdeleriň akymlary barada maglumatlar görkezilýär.

183. Amal işinden pul serişdeleriniň hereketi hakynda maglumatlar aşakdaky usullary haýsy hem bolsa birini ulanyp görkezilmelidir:

a) göni usul, onda jemi gelip gowşan pullaryň we tölegleriň esasy görnüşleri hakynda maglumatlar açylýar;

b) gytaklaýyn usul, onda peýda ýa-da ýitgä pul däl häsiýetli amallaryň, amal işiniň barşynda ýüze çykýan, geçen ýa-da geljekki gelip gowuşmaly pullaryň we tölegleriň gaýra goýlan ýa-da hasaplanyp ýazylan möçberlerini, şeýle hem maýa goýum ýa-da maliýe işiniň çäklerinde pul serişdeleriniň gelip gowuşmagy we tölenmegi bilen baglanyşykly çykdajylaryň ýa-da girdejileriň maddalaryny hasaba almak bilen düzediş girizilýär.

Amal işinden pul serişdeleriniň hereketini görkezmegiň göni usuly oňlanylýar. Göni usul pul serişdeleriniň geljekki akymlaryna baha bermek üçin peýdaly bolan, gytaklaýyn usul ulanylanda elýeter bolmadyk maglumaty üpjün edýär.

184. “önümleri, harytlary (işleri we hyzmatlary) ýerlemek” (011) setirde pul serişdeleriniň esasy amal işinden jemi gelip gowuşmagy görkezilýär.

185. “satyn alyjylardan, buýrujylardan alnan hakujylar” (012) setirde alyjylardan we buýrujylardan gelip gowşan öňünden tölegleriň möçberi görkezilýär.

186. “gaýry gelip gowuşmalar” (013) setirde gaýry amal işinden we amal däl işinden gelip gowuşmalar görkezilýär.

187. “gündelik işi” (015) setirde býujet edaranyň gündelik işini maliýeleşdirmek üçin býujet serişdeleriniň gelip gowuşmagy görkezilýär.

188. “düýpli maýa goýumlary” (016) setirde býujet edaranyň düýpli maýa goýumlaryny maliýeleşdirmek üçin býujet serişdeleriniň gelip gowuşmagy görkezilýär.

189. “subsidiýalary” (017) setirde subsidiýalar görnüşinde býujet serişdeleriniň gelip gowuşmagy görkezilýär.

190. “harytlar (işler we hyzmatlar) bilen üpjün edijilere tölegler” (021) setirde üpjün edijilere we potratçylara geçirilen serişdeleriň möçberi görkezilýär.

191. “harytlar (işler we hyzmatlar) bilen üpjün edijilere berlen hakujylar” (022) setirde üpjün edijilere we potratçylara geçirilen hakujy tölegler görkezilýär.

192. “zähmete hak tölemek boýunça tölegler” (023) setirde işgärleriň zähmet haky boýunça tölegler görkezilýär.

193. “hak-heşdekleri tölemek” (024) setirde tölenen hak-heşdekler görkezilýär.

194. “subsidiýalary, grantlary tölemek” (025) setirde berlen grantlar we subsidiýalar görkezilýär.

195. “salgytlar we býujete beýleki tölegler” (026) setirde tölenen salgytlar we býujete beýleki tölegler görkezilýär.

196. “gaýry tölegler” (027) setirde amal we amal däl işi boýunça 021-026 setirlerde görkezilmedik tölegleriň möçberi görkezilýär.

197. “esasy serişdeleri ýerlemek” (041) setirde esasy serişdeleri ýerlemekden alnan serişdeleriň möçberi görkezilýär.

198. “maddy däl aktiwleri ýerlemek” (042) setirde maddy däl aktiwleri ýerlemekden alnan serişdeleriň möçberi görkezilýär.

199. “beýleki uzak möhletli aktiwleri ýerlemek” (043) setirde beýleki uzak möhletli aktiwleri ýerlemekden alnan serişdeleriň möçberi görkezilýär.

200. “paý gurallaryny ýerlemek” (044) setirde paý gurallaryny ýerlemekden alnan serişdeleriň möçberi ((046) setirde görkezilýän ýerlemelerden başga) görkezilýär.

201. “borçlandyrýan gurallary ýerlemek” (045) setirde borçlandyrýan gurallary ýerlemekden alnan serişdeleriň möçberi görkezilýär.

202. “golçur kärhanalara gözegçilik ýitirilende öwezini dolma” (046) setirde gatnaşmagyň gözegçilik edilýän paýyny ýerlemekden alnan serişdeleriň möçberi görkezilýär.

203. “gaýry maliýe aktiwlerini ýerlemek” (047) setirde gaýry maliýe aktiwlerini ýerlemekden gelip gowuşmalar görkezilýär.

204. “alnan diwidendler” (048) setirde diwidendler görnüşinde gelip gowuşmalar görkezilýär.

205. “alnan hak-heşdekler” (049) setirde gelip gowşan hak-heşdekler görkezilýär.

206. “gaýry gelip gowuşmalar” (050) setirde 041-049 setirlerde görkezilmedik gaýry gelip gowuşmalar görkezilýär.

207. “esasy serişdeleri satyn almak” (061) setirde esasy serişdeleri satyn almak üçin geçirilen serişdeleriň möçberi görkezilýär.

208. “maddy däl aktiwleri satyn almak” (062) setirde maddy däl aktiwleri satyn almak üçin geçirilen serişdeleriň möçberi görkezilýär.

209. “beýleki uzak möhletli aktiwleri satyn almak” (063) setirde beýleki uzak möhletli aktiwleri satyn almak üçin geçirilen serişdeleriň möçberi görkezilýär.

210. “paý gurallaryny satyn almak” (064) setirde beýleki paý gurallaryny satyn almak üçin geçirilen serişdeleriň möçberi görkezilýär.

211. “borçlandyrýan gurallary satyn almak” (065) setirde borçlandyrýan gurallary satyn almak üçin geçirilen serişdeleriň möçberi görkezilýär.

212. “golçur kärhanalara gözegçiligi almak” (066) setirde golçur kärhanalarda gözegçilik edilýän paýlaryň edinilmegi üçin geçirilen serişdeleriň möçberi görkezilýär.

213. “gaýry maliýe aktiwlerini satyn almak” (067) setirde gaýry maliýe aktiwlerini satyn almak üçin geçirilen serişdeleriň möçberi görkezilýär.

214. “nesýeleri bermek” (068) setirde berlen nesýeleriň möçberi görkezilýär.

215. “gaýry tölegler” (069) setirde 061-068 setirlerde görkezilmedik maýa goýum işi boýunça geçirilen gaýry tölegleriň möçberi görkezilýär.

216. “paýnamalaryň we beýleki maliýe gurallarynyň emissiýasy (esaslyk maýa gatançlar)” (081) setirde paýnamalaryň çykarylmagyndan gelip gowşan ýa-da esaslyk maýa gatançlaryň möçberi görkezilýär.

217. “nesýeleri almak” (082) setirde alnan nesýeleriň we borçlandyrýan gurallary goýbermekden gelip gowşan serişdeleriň möçberi görkezilýär.

218. “alnan hak-heşdekler” (083) setirde alnan hak-heşdekler görkezilýär.

219. “gaýry gelip gowuşmalar” (084) setirde maliýe işi boýunça 081-083 setirlerde görkezilmedik gelip gowuşmalar görkezilýär.

220. “nesýeleri üzmek” (091) setirde alnan karzlary we nesýeleri gaýtarmaklyga gönükdirilen serişdeleriň möçberi görkezilýär.

221. “hak-heşdekleri tölemek” (092) setirde alnan hak-heşdekler görkezilýär.

222. “diwidendleri tölemek” (093) setirde diwidendler görnüşinde tölenen serişdeleriň möçberi görkezilýär.

223. “kärhananyň paýnamalary boýunça onuň eýelerine tölegler” (094) setirde paýnamalar boýunça eýelerine geçirilen serişdeleriň möçberi görkezilýär.

224. “gaýry tölegler” (095) setirde maliýe işi boýunça 091-094 setirlerde görkezilmedik gaýry tölegler görkezilýär.

225. “Pullaryň çalşyk hümmetiniň täsiri” (110) setirde hasabat döwründe pullaryň çalşyk hümmetiniň üýtgemeginiň netijesinde alynmadyk peýdalaryň we ýitgileriň möçberi görkezilýär.

226. “Ýylyň başyna pul serişdeler we olaryň ekwiwalentleri” (130) setirde görkezilýär.

227. “Ýylyň ahyryna pul serişdeler we olaryň ekwiwalentleri” (140) setirde görkezilýär.

## §7. Bellikler

228. Maliýe hasabatlylygyna degişli bellikler maliýe hasabatlylygyny düzmegiň esaslaryny, hasabat alyş syýasatynda ulanylýan ähmiýetli jähtleri, standartyň talap edýän we maliýe ýagdaýy barada hasabatda, jemi peýda barada hasabatda, girdejiler we çykdajylar barada hasabatda, maýadaky üýtgemeler barada hasabatda, arassa aktiwlerdäki/maýadaky üýtgemeler barada hasabatda we pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatda gönüden-göni görkezilmedik maglumatlary, şeýle hem görkezilen hasabatlaryň islendik birine düşünmek maksady bilen goşmaça maglumatlary açýar.

229. Bellikler tertipleşdirilen görnüşde berilmelidir, onda degişli hasabatlaryň her bir maddasy belliklerdäki degişli maglumatlara atanaklaýyn salgylanma bilen üpjün edilmelidir.

230. Adatça belliklerde görkezilmäge degişli bolan maglumatlar maliýe hasabatlylygynyň milli standartlarynyň her birinde we Kiçi we orta telekeçilik subýektleri üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartynyň her bir böleginde beýan edilen açmak boýunça talaplara laýyklykda görkezilýär.

231. Bellikler:

a) maliýe hasabatlylygyny taýýarlamagyň esaslary hakynda we peýdalanylýan hasaba alyş syýasaty hakynda maglumatlary bermelidir;

b) maliýe hasabatlylygynyň milli standartlarynyň talap edýän, başga hiç bir maliýe hasabatynda berilmeýän maglumatlary açmalydyr; we

ç) başga hiç bir maliýe hasabatynda berilmeýän, ýöne görkezilen hasabatlaryň islendik birine düşünmek üçin ýerlikli bolan maglumatlar bilen üpjün etmelidir.

## §8. Jebislendirilen maliýe hasabatlylygy

232. Jebislendirilen maliýe hasabatlylygy – bu düýp kärhananyň we onuň golçur kärhanalarynyň aktiwleri, borçnamalary, hususy maýalary, girdejileri, çykdajylary we pul akymlary ykdysady işiň ýeke-täk subýektiniň maliýe hasabatlylygy hökmünde berlen toparyň maliýe hasabatlylygydyr.

233. Düýp kärhana (dolandyryş edarasy, birleşik, ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi we ýerli edaralary) özüniň golçur kärhanalaryna (tabynlykdaky kärhanalara) goýlan maýa goýumlaryny jebislendirýän jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermelidir.

234. Aşakdaky şertleriň ählisini kanagatlandyrýan düýp kärhana jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermäge borçly däldir:

1) onuň özi beýleki bir kärhananyň doly ýa-da bölekleýin eýeçiligindäki golçur kärhana bolup durýan bolsa we başga bir ýagdaýda ses bermek hukugy bolmajak eýeleri hem goşmak bilen, beýleki eýeleriniň düýp kärhananyň jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny bermejekdigi barada habarly edilen we olaryň oňa garşy bolmadyk halatynda;

2) düýp kärhananyň borçlandyrýan we paý gurallary açyk bazarda (içerki we daşarky gazna biržalarynda ýa-da ýerli we sebitlerdäki bazarlary goşmak bilen, biržadan daşarky bazarda) dolanyşykda bolmaýan bolsa;

3) düýp kärhana açyk bazarda gurallaryň haýsydyr bir görnüşini çykarmak maksady bilen, özüniň maliýe hasabatlylygyny düzgünleşdiriji edara ibermedik bolsa ýa-da ibermek boýunça işleri geçirmeýän bolsa;

4) düýp kärhananyň ahyrky ýa-da islendik aralyk düýp kärhanasy maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyk gelýän jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny açyk elýeterli etmek üçin çykarýan bolsa.

235. Düýp kärhananyň jebislendirilen maliýe hasabatlylygy onuň ähli golçur kärhanalarynyň maliýe hasabatlylygyny öz içine almalydyr.

236. Golçur kärhana özüniň işiniň toparyň düzümindäki beýleki kärhanalaryň işlerinden tapawutlanýandygy sebäpli jebislendirmeden çykarylmaýar. Şular ýaly golçur kärhanalary jebislendirmek we jebislendirilen maliýe hasabatlylygynda olaryň işiniň dürli görnüşleri boýunça goşmaça maglumatlary açmak ähmiýetli maglumatyň alynmagyny üpjün edýär.

237. Düýp kärhananyň we onuň golçur kärhanalarynyň jebislendirilen maliýe hasabatlylygy düzülende peýdalanylýan maliýe hasabatlylygy şol bir hasabat senesindäki ýagdaýa görä taýýarlanmalydyr. Düýp kärhananyň we golçur kärhanalaryň hasabat seneleriniň gabat gelmeýän mahalynda golçur kärhana, jebislendirmek maksady bilen, eger bu amala aşyrarlykly bolsa, düýp kärhananyň hasabat senesindäki ýagdaýa görä maliýe hasabatlylygyny goşmaça taýýarlaýar.

238. Golçur kärhananyň jebislendirilen maliýe hasabatlylygy düzülende peýdalanylan maliýe hasabatlylygy düýp kärhananyň hasabat senesinden tapawutlanýan hasabat senesine görä taýýarlanýan mahalynda düzediş girizilmelidir. Bu düzedişlerde şol sene bilen düýp kärhananyň hasabat senesiniň arasyndaky döwürde geçirilen düýpli geleşikleriň ýa-da bolup geçen wakalaryň maliýe hasabatlylygyna eden täsiri hasaba alynmalydyr.

239. Golçur we düýp kärhanalaryň hasabat seneleri biri-birinden üç aýdan köp tapawutlanmaly däldir. Hasabat döwürleriniň dowamlylygy we hasabat seneleriniň arasyndaky islendik tapawut ol döwürden bu döwre birmeňzeş bolmalydyr.

240. Meňzeş geleşikler we meňzeş şertlerdäki beýleki wakalar üçin jebislendirilen maliýe hasabatlylygy ýeke-täk hasaba alyş syýasatynyň esasynda düzülmelidir.

241. Eger toparyň düzümindäki kärhana meňzeş geleşikler we meňzeş şertlerdäki beýleki wakalar babatynda jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny düzmek üçin kabul edilen hasaba alyş syýasatyndan tapawutlanýan hasaba alyş syýasatyny peýdalanýan bolsa, onda jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny taýýarlamagyň barşynda onuň maliýe hasabatlylygyna degişli düzedişler girizilýär.

242. Düýp kärhana bilen golçur kärhanalaryň maliýe hasabatlylygy birleşdirilende jebislendirilen maliýe hasabatlylygyna şular goşulmaýar:

a) düýp kärhananyň golçur kärhanalaryň esaslyk maýasyna maliýe goýumlary we degişlilikde, düýp kärhana degişli bölegi babatynda golçur kärhanalaryň esaslyk maýalary;

b) düýp hem-de golçur kärhanalaryň arasyndaky, şeýle hem golçur kärhanalaryň arasyndaky algy-bergileri görkezýän görkezijiler;

ç) düýp hem-de golçur kärhanalaryň arasyndaky, şeýle hem golçur kärhanalaryň arasyndaky amallardan alnan, düýp ýa-da golçur kärhanalaryň

emläginiň (esasy serişdeleriniň, önümçilik ätiýaçlyklarynyň we beýlekileriň) balans gymmatyna goşulan peýda;

d) golçur kärhanalar tarapyndan düýp kärhana ýa-da şol bir düýp kärhananyň beýleki golçur kärhanasyna, şeýle hem düýp kärhana tarapyndan özüniň golçur kärhanalaryna tölenýän diwidendler. Jebislendirilen maliýe hasabatlylygynda diňe subýektleriň toparyna girmeýän kärhanalara we adamlara tölenýän diwidendler görkezilýär;

e) düýp kärhana bilen golçur kärhanalaryň arasynda, şeýle hem şol bir düýp kärhananyň golçur kärhanalarynyň arasynda önümleri (harytlary, işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdeji we şunuň ýaly ýerlemä degişli harajatlar;

ä) düýp kärhana bilen golçur kärhanalaryň arasyndaky, şeýle hem şol bir düýp kärhananyň golçur kärhanalarynyň arasyndaky amallaryň netijesinde ýüze çykýan beýleki islendik girdejiler we çykdajylar.

243. Jebislendirilen maliýe hasabatlylygy düzülende şu gözükdirijä goşulan maliýe hasabatlylygynyň görnüşleri doldurylýar.

244. Berilmeli möhletini goşmak bilen, golçur kärhanalaryň maliýe hasabatlylygynyň (şol sanda jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny düzmek üçin zerur bolan goşmaça maglumatlaryň) göwrümini we bermegiň tertibini düýp kärhana belleýär.

245. Jebislendirilen maliýe hasabatlylygy düzülmezinden öň düýp kärhana bilen golçur kärhanalaryň, şeýle hem golçur kärhanalaryň arasynda ähli özara hasaplaşyklar we beýleki maliýe özara gatnaşyklary deňeşdirip görülmelidir we düzgünleşdirilmelidir.

246. Jebislendirilen maliýe hasabatlylygyna degişli düşündirişlerde golçur kärhanalar barada şu maglumatlar açylýar:

golçur kärhanalaryň sanawy (doly ady); döwlet tarapyndan bellige alnan ýeri we/ýa-da hojalyk işiniň alnyp barylýan ýeri; düýp kärhananyň golçur kärhana gatnaşma paýy;

golçur kärhananyň satyn alynmagy we çykyp gitmegi bilen baglanyşykly, hasabat senesindäki ýagdaýa görä, toparyň maliýe ýagdaýyna we onuň hasabat döwründäki işiniň maliýe netijelerine edilen täsire berlen gymmatlyk bahasy.

247. Düýp kärhanalar jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny şu gözükdirijide bellenen edaralara berýärler. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi we ýerli edaralary özleriniň tabynlygyndaky kärhanalar boýunça jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligine, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine berýärler.